enedilim.com



T. TÄÇMYRADOW

MUHAMMET GELDIÝEWIŇ ÖMRI WE DÖREDIJILIGI

АМТСОР
ЫЛЫМ

TÜRKMENISTAN SSR YLYMLAR AKADEMIÝASY
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL WE EDEBIÝAT INSTITUTY

T. TÄÇMYRADOW

MUHAMMET GELDIÝEWIŇ ÖMRI WE DÖREDIJILIGI

(doglan gününiň 100 ýyllygyna)

Ylmy redaktor
filologiýa ylymdarynyň kandidaty A. Geldimyradow

YLYM - AŞGABAT - 1989

M. Geldiýew

AWTORDAN

Türkmen dil bilimi ylym hökmünde Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan soň ýüze çykdy. Onuň ilkinji kerpiçleri ýigriminji ýyllarda goýlup başlandy. Leninçilik milli syýasatyň netijesinde beýleki doganlyk halklar bilen bir hatarda türkmen halky-da Sowet Häkimiýetiniň ilkinji ýyllaryndan başlap, türkmen edebi diliniň normalaryny işlemäge, okuw kitaplaryny, dürli gollanmalary döretmäge, gündelik we döwürleýin metbugaty ýola goýmaga, döwlet edaralarynda ýerli dilde iş alyp barmaga girişdi. Bulary ýerine ýetirmekde ýigriminji ýyllaryň dilçileriniň bitiren hyzmatlary örän uly boldy. Olaryň arasyndan Muhammet Geldiýewiň ady we hyzmaty ýörite bellenmäge mynasypdyr.

1931-nji ýylyň aýaklaryndan başlap, milletçi, pantürkist hökmünde aýyplanyp başlanmagy, 1938-nji ýylyň 19-njy aprelinde işleriniň ýapyk fonda geçirilmegi netijesinde M. Geldiýewiň ady uzak wagtlap diňe halk duşmany hökmünde agzalyp gelindi. Ýazan işlerinde obýektiw baha berilmedi, kähalatlarda onuň döreden dil, ýaltalygy, ýuwdunma ýaly terminleriniň manysyny kesä çekmek bilen, milli medeniýetimize zyýan beriji zat hökmünde häsiýetlendirildi. Diňe Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň XX gurultaýyndan soň otuzynjy ýyllaryň pidasy bolan ak ýürekli adamlar bilen bir hatarda M. Geldiýewiň hem abraýly ady dikeldildi, döredijiligi barada käbir makalalar ýazyldy.

Muňa garamazdan, henize çenli onuň hyzmatyna doly baha berlenok, onuň işleriniň üstünlikli we kemçilikli taraplary aýyl-saýyl edilenok, köplenç, türkmen dil biliminiň esasyny goýujylaryň biri bolandygyny agzamak bilen çäklenilýär. Şonuň üçin-de şu iş M. Geldiýewiň döredijiligi boýunça käbir meseleleri anyklamaga okyjylar köpçüligine kömek eder diýip umyt edýärin.

enedilim.com

GIRIŞ

M. Geldiýewiň biografiýasy barada takyk maglumaty ele salmak bize henize çenli başardanok. Onuň ölümi sebäpli «Türkmenistan» gazetinde 1931-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda 3 sany, 5-nji ýanwarynda bäş sany nekrolog çap edilýär. Olarda M. Geldiýewiň 1889-njy ýylda Çelekende doglandygy, Buharada, soňra Başgyrdystaňyň Ufa şäherinde uly «Aliýa» medresesinde okandygy, tatarlaryň we başgyrtlaryň arasynda mugallymçylyk edendigi, 1921-nji ýyldan başlap, Aşgabat partiýa mekdebinde we mugallymçylyk tehnikumynda mugallym bolup işländigi aýdylýar we soňky döwürde eden işleri agzalýar. M. Geldiýew türkmen dil biliminiň esasyny goýujylaryň biri hasaplanýar. «Türkmenistan Sosialistik Şura Jemhuriýetiniň Merkezi Ijrakom Prezidiumynyň kandidaty» M. Geldiýewiň 1931-nji ýylyň 3-nji ýanwarynda aradan çykandygy gynanç bilen habar berilýär. M. Geldiýewiň türkmen halkynyň dili, edebiýaty we taryhy barada örän gymmatly işleri galdyrandygy, hususan-da, latynlaşdyrma döwründe türkmen elipbiýini döredijileriň biridigi, türkmen edebi dilini normalaşdyrmakda uly rol oýnan 1-nji ylmy konferensiýany geçirijileriň biridigi, türkmen mekdeplerini okuw kitaplary bilen üpjün etmekde uly işler bitirendigi ýörite ýatlanýar, onuň jemgyýetçilik işlerine aktiw gatnaşandygy, «Medeni ýörişe we Aşgabat raýonynda bolan kolhozlarda umumy we mejbury okuwlary iş ýüzüne geçirendigi» aýdylýar, ol Türkmenistanyň birinji ylmy adamy we dil alymy hasaplanýar.

B. Kerbabaýewiň ýas mitinginde okan şygrynda şeýle setirler bar:

enedilim.com

Türkmen dilin kada salyp başlan sen,
Dil ugrunda on bäş ýyllap işlän sen.
Dil tamynyň düýbün tutduň, eý ussa.
Şägirtleriň hökman bitir ol tamy.
Dört taýyndan ganatlaýyn galdyrylyp,
Dil düzeler, galmaz onuň bir kemi.
Şuralar ilinde ösdükçe ylym
Ussadyny ýada saljakdyr dilim.

«Türkmenistan», 5 ýanwar, 1931.

Garyndaşlarynyň beryän maglumatlaryna görä, Muhammet Geldiýew günbatar ýomutlaryň körler urugyndan bolupdyr. Onuň atasy balykçylyk bilen meşgullanypdyr. Muhammet Geldiýew ilki oba mollasynyň elinde okaýar, soňra Buhara medresesine okuwa gidýär. Biziň asyrymyzyň başlarynda (takmynan, 9–10-njy ýyllarda) ol Buhara medresesini gutaryp, obasyna dolanyp gelýär. Kellesi selleli, dini eşikli bolmagyna garamazdan, ol mollaçylyk etmeýär, 3-4 gün geçenden soň, aýaly Halbibä-de, garyndaş doganlaryna-da hiç zat aýtman, gidýär. Ol Ufa şäherindäki uly «Aliýa» medresesine okuwa ýerleşýär. Görnükli başgyrt ýazyjysy Saýfy Kudaşyň bize beren gürrüňine görä 1906-njy ýylda açylan bu okuw jaýy medrese atlandyrylmagyna garamazdan, okadylýan sapaklar uniwersitetiň programmasyna golaýlaşypdyr. Onda ene dili, hasap, fizika, himiýa ýaly predmetler, hatda orta mekdebiň programmasyna laýyklykda rus dili we edebiýaty hem okadylypdyr. Rus dilinde ýazylan okuw kitaplaryndan peýdalanylypdyr. Aýdym-saz kružogy işläpdir. Medrese alty ýyllyk bolup, dini molla we sapak beriji (ymam hatip müderres) taýýarlapdyr. 5-6 sany kazy ekzamen alyp, gutaranlara dokument beripdir.

Medresä ilki elli-altmyş okuwçy alnypdyr. Medresede okaýanlar her ýyl 60 manat tölemeli eken. Olar medresäniň jaýynyň birinji etažynda ýaşapdyrlar, mugt naharlanypdyrlar. Okuwlar, esasan, tatar dilinde geçirilipdir.

enedilim.com

M. Geldiýewiň okan «Aliýa» medresesiniň daşky görnüşi

enedilim.com

Bu medresede sekiz halkyň (başgyrt, tatar, özbek, gazak, gyrgyz, türkmen, adygeý, çerkez) wekili okapdyr. Olaryň arasynda Tembot Kiraşew, M. Şirmuhammedow (özbek), Maýlin Beýimbet, Işanali Arabaýew (gyrgyz) we başgalar bolupdyr. Tatarystanyň görnükli dilçileri Galimjan Ibragimow, Gabat Alparow, Abdyrahman Sagdy, Başgyrdystandan belli ýazyjylar Mojat Gafury, Saýsi Kudaş, Raşit Nigmati, we başgalar şu medresäni gutarypdyr. Medresäni gutaranlar Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan soň medeni we halk magaryf işlerine ýolbaşçylyk edipdirler. (Meselem, Ahmet Hatkow — Adygeý gazetiniň ilkinji redaktory, Nojman Manaýew — Gazagystanyň ilkinji Halk magaryf ministri we ş. m.).

M. Geldiýew şu hili adamlar bilen bir hatarda medresede okapdyr. Medresäni gutarandan soň, ony hut şol ýerde (taýýarlyk kurslarynda) mugallym edip alyp galýarlar.

M. Geldiýewiň haýsy ýylda medresäni gutarandygy barada elimizde takyk maglumat ýok. Nekrologlaryň birinde onuň 1917-nji ýyldan başlap, tatarlar we başgyrtlar arasynda mugallymçylyk edendigi aýdylýar. Şoňa esaslansak, ol «Aliýa» medresesini 1916–1917-nji ýillarda gutaran bolmaly.

B. Kerbabaýewiň goşgusyna esaslansak («Dil ugrunda on bäş ýyllap işlän sen»), M. Geldiýew 1915–1916-njy ýyllardan başlap, dil bilen meşgullanyp ugrapdyr.

Takyklanmadyk maglumatlara görä, ol Ufa şäherinde tatar we başgyrt dilleriniň mugallymy bolup esli wagt işläpdir.

1921-nji ýylda M. Geldiýew Aşgabada gelýär, Aşgabat partiýa mekdebinde we mugallymçylyk tehnikumynda mugallym bolup işe ýerleşýär. Tiz wagtdan türkmen dili bilen baglanyşykly ähli işlere ýolbaşçylyk edip başlaýar: Türkmen bilim heýatynyň (1922-1926 ý.), Türkmen bilim sowetiniň (1926-1928 ý.), Türkmen medeniýet institutynyň (1928-1930 ý.) türkmen dili we edebiýaty boýunça ýolbaşçy ylmy işgäri bolýar. Ol 1931-nji ýylyň 3-nji ýanwarynda aşgazan başy keselinden aradan çykýar, 5-nji ýanwarda Aşgabadyň piwo zawodynyň gaýra tarapynda, demir ýoluň ýakasynda bolan gonamçylykda jaýlanýar.

M. Geldiýew gysga döwrüň içinde uly işler bitirýär. Ol respublikamyzda taýýarlykly ýeke-täk dilçi bolýar. Şonuň üçin-de partiýa we hökümet ýolbaşçylary (G. Atabaýew, N. Aýtakow we başgalar) onuň bilen

enedilim.com

ýakyn aragatnaşykda bolýarlar. Şu döwürde türkmen ylmyna ýolbaşçylyk eden K. Böriýew bolsa M. Geldiýewi iň ýakyn kömekçisi hasaplaýar.

Elipbiý we orfografiýa boýunça geçiren reformalary, türkmen edebi dilini ösdürmek we normalaşdyrmak boýunça ýerine ýetiren işleri, sowet mekdebi üçin döreden okuw kitaplary, dil bilimini ösdürmek bilen baglanyşykly durmuşa geçiren çäreleri M. Geldiýewe abraý we şöhrat getirýär. Ol TSSR Merkezi Ispolnitel Komitetiniň Prezidiumynyň çlenligine kandidat saýlanýar.

M. Geldiýewiň aýalynyň ady Halbibi, ondan Abdyrahman diýen ogly (1912-1955 ý.) galýar. Abdyrahmanyň üç ogly Oleg (1937-nji ýylda doglan), Wolodýa (1939-njy ýylda doglan), Ýewgeniý (1950-nji ýylda doglan) bolup, olar häzir Aşgabat şäherinde ýaşaýarlar we işleýärler.

M. Geldiýewiň gyzy Aky Nebitdag şäherinde ýaşaýar, at gazanan mugallyma, on bir çaganyň enesi — Gahryman ene, häzir pensiýada. M. Geldiýewiň uly kitaphanasy bolan. «Halk duşmany», «pantürkist», «milletçi» ýaly esassyz aýyplamalardan howatyrlanyp, garyndaşlary ol kitaphanany tutuşlygyna ýakypdyrlar, gymmatly golýazmalardan, örän ähmiýetli seýrek tapylýan kitaplardan, M. Geldiýewiň çap edilmedik işlerinden ýekejesi-de galmandyr.

M. Geldiýewiň biografiýasy barada elimizde bolan maglumatlar şeýle.

enedilim.com

M. GELDIÝEWIŇ DÖREDIJILIGI BARADA

1922-nji ýylyň 17-nji aprelinde Daşkent şäherinde Türkmen bilim komissiýasy (Türkmen bilim heýaty) döredilýär. Onuň çleni M. Geldiýew Daşkente çagyrylýar we ylmy döredijilik işine, ine, şu döwürden başlaýar.

Türkmen bilim komissiýasy türkmen edebi dilini normalaşdyrmak, şol esasda türkmen mekdeplerini okuw kitaplary bilen üpjün etmek, mekdep mugallymlary üçin usuly gollanmalar döretmek boýunça ençeme çäreleri durmuşa geçirýär. Komissiýanyň sostawynda iň taýýarlykly, iň tejribeli adam M. Geldiýew bolýar. Şonuň uçin-de iň kyn we jogapkärli işler onuň paýyna düşýär. Şol döwrüň görnükli dilçileri bilen ýakyndan aragatnaşykda bolmagy, dil biliminiň gazananlaryny oňat özleşdirmegi oňa türkmen dil biliminiň ençeme meselelerini çözmäge mümkinçilik berýär.

M. Geldiýewiň doklady esasynda Türkmen bilim komissiýasy taryhda ilkinji gezek arap grafikasynda türkmen edebi diliniň orfografiýasyny reforma edýär [55, 51-57 s.].

Bu reforma 1923-nji ýylda täzeden gözden geçirilýär, käbir meselelere täzeçe seredilýär, öňki kararyň üsti ýetirilýär [54, 110-111 s.].

Şu reformada öňe sürlen esasy meseleler aşakdaky ýaly:

I. Arap grafikasyndaky elipbiýde çekimli sesleri görkezmek meselesi. Mälim bolşy ýaly, köne türkmen ýazuwynda çekimli sesleri görkezmek üçin *elip*, *waw*, *iýýa* harplary ulanylypdy. Çekimliler ýazuwda hemişe görkezilmeýärdi. Köplenç, üstün, astyna we beýleki herekelere laýyklykda okyjy degişli çekimlini özüçe goýup okamaly bolýardy. Bu ýagdaý uly kynçylyk döredýärdi. Şonuň üçin-de, tatarlar, gazaklar Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan-da öň arap grafikasyndaky

enedilim.com

elipbiýi reforma edip başlapdyrlar. Olar her fonemany degişli harp (belgi) bilen görkezmegiň zerurdygyndan ugur alýarlar. Bu işde olar belli bir üstünlik hem gazanypdyrlar. Şol esasda olaryň ýazan okuw kitaplary halk köpçüliginiň sowat öwrenmegini belli bir derejede aňsatlaşdyrypdyr. M. Geldiýew şolaryň metodyny we tejribesini içgin öwrenýär. Ol türkmen dil biliminde her bir fonemany ýazuwda görkezmek ideýasyny öňe sürýär. Muny iş ýüzüne geçirmek üçin iki meseläni:

1) türkmen edebi dilinde näçe çekimli fonemanyň bardygyny, 2) haýsy çekimliniň nähili belgi bilen görkezilmelidigini çözmeli bolýar. Ol taryhda ilkinji bolup, türkmen dilinde 7 sany çekimliniň bardygyny, olaryň *e*-den başgasynyň hem inçe, hem ýogyn aýdylýandygyny, şoňa laýyklykda, türkmen dilinde 13 sany çekimli fonemanyň bardygyny belleýär. Elbetde, arap grafikasyndaky çekimli sesleri görkezmek üçin ulanylyp ýörlen *elip*, *waw*, *iýýa* harplarynyň ýeterlik däldigine göz ýetirýär, ýöne olaryň her birine degişli harp almak mümkinçiligi-de bolmaýar. Ol doganlyk halklaryň tejribesine esaslanyp, her bir çekimliniň inçe we ýogyn aýdylýan jübüti üçin bir harp (belgi) almagy makul bilýär. Şeýlelikde, *a* hem *a* çekimlilerini görkezmek üçin *elip* harpy; *o* hem *ö* çekimlilerini görkezmek üçin *waw*; *u* hem *ü* çekimlilerini görkezmek üçin ýokarsy oturly *waw*; *i* hem *y* çekimlileri görkezmek üçin üsti oturly *iýýa*; uzyn *u* hem *ü* çekimlilerini görkezmek üçin üsti defisli *waw*; uzyn *y* hem-de *i* çekimlilerini görkezmek üçin aşagy goşa nokatly *iýýa*; *e* harpyny görkezmek üçin *alahiý* harpyny alypdyr.

Çekimlileri ýazuwda şeýle görkezmekde ýene iki sany mesele ýüze çykypdyr.

Birinjiden, sözüň sostawyndaky çekimliniň inçe ýada ýogyn sesdigini nähili bilmeli? *Dal*, *elip*, *lam* harplaryndan ybarat bolan sözi haçan *dal*, haçan *däl* diýip okamaly? Bu meseläni çözmekde M. Geldiýew doganlyk halklarynyň tejribesinden peýdalanypdyr: inçe çekimlili sözleriň öňünden goşmaça belgi goýupdyr.

Ikinjiden, kabul edilen harpy sözüň başynda, ortasynda we ahyrynda nähili ýazmaly? Reformada söz başynda *a*, *ä*, *e* çekimlileriniň köne ýazuwymyzda ýazylyş normasyny saklamak makul bilinýär, ol, birinjiden, ýazuwy Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan öňki däp bilen, ikinjiden, doganlyk halklaryň ýazuwy bilen baglanyşdyrar. Beýleki harplar söz başynda gelende, onuň öňünden dik çyzyk (I) goýulýar. Sö-

enedilim.com

züň ortasynda we ahyrynda *elip*, *waw*, *iýýa* harplarynyň taryhy ýazylyş normasy saklanýar.

Şeýlelikde, arap grafikasyndaky türkmen elipbiýinde sözüň başynda ortasynda we ahyrynda gelýän her bir çekimliniň nähili ýazylmalydygy görkezilýär. Şonuň ýaly-da türkmen dilinde *u*, *ü*, *y*, *i*, *ä* uzyn çekimlileriniň bardygy ýüze çykarylýar hem-de olary adaty çekimlilerden tapawutlandyrmak boýunça synanyşyk edilýär. Gynansak-da, bu mesele doly çözülmeýär, meselem, *a*, *o*, *ö* çekimlileriniň uzyn we gysga aýdylyşy, olaryň ýazuwda görkezilişi barada hiç zat aýdylmaýar. *ä* çekimlisiniň diňe uzyn aýdylýandygy görkezilmeýär, emma *äkel*, *şäher* ýaly sözlerde gysga aýdylyşy, onuň ýazuwda görkezilişi ünsden düşürilýär.

Reformada türkmen dilinde ulanylýan çekimsiz sesleri görkezmek üçin 24 sany harp alyp, olaryň Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan öňki ýazylyş normasy saklanýar.

Ýazuw bilen baglylykda türkmen dilinde ulanylýan çekimsizler we olaryň aýratynlyklary barada gyzykly maglumat berilýär.

Türkmen dialektleriniň köpüsinde (gökleň, ýomut, ärsary, çowdur) *f* çekimsiziniň ulanylýandygy, şonuň üçin-de bu harpyň elipbiýe alynýandygy, türkmen dilinde ulanylýan 3, *s* çekimsizleriniň beýleki türki dilleriňkiden tapawutlydygy, muňa garamazdan, köne däbi saklamak we doganlyk halklaryň däbinden peýdalanmak bilen olaryň *ziý*, *siý* harplary bilen berilýändigi, ýazuwy ýeňilleşdirmek üçin nokatsyz *hiý* harpynyň alynýandygy, inçe we ýogyn çekimlisi bolan sözlerde *g* çekimsiziniň zarply we süýkeş aýdylyşynda düýpli tapawutlaryň bardygy, muňa garamazdan, köne ýazuwymyzdaky däbiň saklanýandygy ýörite bellenýär.

Bu reformanyň ähmiýeti diňe elipbiý meselesini çözmek bilen çäklenmeýär. Onda türkmen edebi diliniň eçeme orfografik kadalary berilýär. Meselem, dodak çekimlileriniň diňe birinji bogunda ýazylyşy, söz ahyryndaky dymyk çekimsizleriň açyga öwrülip ýazylyşy, emma taryhy däbi saklamak bilen söz ahyrynda *b* çekimsiziniň ýazylyşy, goşulmalaryň söze goşulyp ýazylyşy, gaýtalamalaryň, tirkeş sözleriň defisli ýazylyşy, *Magtymguly*, *Atbasar* ýaly has atlaryň komponentleriniň goşulyp ýazylyşy, emma *ýigrimi bir*, *on alty* ýaly sanlaryň komponentleriniň aýry ýazylyşy, başga dillerden geçen sözleriň mümkin boldugyça singarmonizm kadasyna boýun egdirilişi, *serdar*, *derýa* ýaly käbir sözleriň singarmonizm kadasyna boýun egmeýşi we ş. m. baradaky orfografik

enedilim.com

kadalar türkmen dil biliminiň taryhynda ilkinji gezek ýazylyp görkezilýär. Şeýlelikde, edebi diliň «şeýle ýazmaly-şeýle ýazmaly däl» diýen esasy prinsipi güýje girýär. Bu kadalar türkmen ýazuwynyň latyn grafikasyna geçirilmegi bilen has kämilleşdirilýär.

Bu reforma bilen baglylykda M. Geldiýew türkmen edebi diliniň fonetik sistemasynyň çekimli, çekimsiz, açyk çekimsiz, singarmonizm, dymyklaryň açyga öwrülişi, düýp söz; goşulma, bogun we bogun galyplary ýaly dürli meselelerini derňeýär, olary degişli terminler bilen atlandyrar. Şeýlelik bilen, türkmen diliniň fonetik sistemasynyň ylmy esasda öwrenilmeginiň başyny başlaýar.

Türkmen edebi diliniň elipbiýi we orfografiýasy 1925-nji ýylda ýene bir gezek reforma edilýär, ýöne onuň hili pes bolýar. Ý. D. Poliwanowyň dili bilen aýtsak, ol M. Geldiýewiň orfografiýasyndan bir ädim yza ätmek bolýar [48, 197 s.].

Daşkentde ýaşan döwründe M. Geldiýew täze açylan türkmen mekdeplerini okuw kitaplary we gollanmalary bilen üpjün etmekde uly işler bitirýär. Ençeme okuw kitaplaryny (meselem, Burhan Habibiň «Tebigat okuw», Abdyrahman Sagdynyň «Terbiýeçilere ýolbaşçy», «Iş terbiýesi we iş mekdebi», Mehitdinowyň, N. Liksionyň, G. Bogdakowyň «Hasap. 2-nji klas», «Hasap. 3-nji klas», Kalanowyň «Hasap okatmak programmasy» we ş. m.) türkmen diline terjime edýär. Saddyk Işan we Öwezberdi Atabaýew tarapyndan ýygnalan halk döredijiligini redaktirleýär, toparlara bölýär we «erteki we matallar ýygyndysy» diýen at bilen neşire taýýarlaýar.

Görnükli tatar dilçisi G. Alparow bilen birlikde «Ulular elipbiýi», «Oglanlar elipbiýi», «Dil sapaklygy (türkmen diliniň imlasy)» ýaly kitaplary ýazýar, käbir predmetler boýunça okuw programmasyny düzýär. Ol okuw işlerine aktiw gatnaşýar. Ençeme makalalar ýazyp, olarda sowat öwrenmegiň ähmiýeti, türkmenleriň arasynda okuw işleriniň alnyp barlyşy, ýüze çykan kynçylyklar we goýberilýän kemçilikler barada giňden durup geçýär, olary düzetmegiň ýollaryny görkezýär [23, 25]. M. Geldiýew çagalar bagynda we ýaslilerde terbiýe işlerini nähili ýola salmalydygyny, umuman, mekdebe çenli terbiýäniň nämedigini, nähili görnüşde alyp barylmalydygyny ilkinji bolup, ýazyp görkezýär [22].

Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy döredilenden soň, M. Geldiýew Daşkentden Aşgabada çagyrylýar (Stawropol köçesiniň 78-nji

enedilim.com

برلەشلك ، بولنچى بەرىلەرىنك بوقسىللارى!

م. گەلدىيف ، غ. آلپارف

اەلىپبى

تاركمەن ئىلىمى كەمىسەسىنك قابول
اەتدىك املاسى بىلەن يازىلىپ، ھەم اونىك
قارامانى بىلەن باسدىرلدى.

بىرنچى بولا باسلىشى.

اورتا آزيا كتاپ باسدىروچى دىۋانخانا سى.

تاشكەنت 1924 يل.

enedilim.com

مرىمشك بۇزىن يەر يۈزىنىڭ بوۋىلارى!

م. گەللىيىف. ك. بورىيىف.

تازە ئىپىبىنىڭ يازۇ دۇزگىنلەرى

(ئىلا قادالارى)

1 - نجى يولا باسىلىشى

تۈركمەنستان دەۋلەت نەشرىياتى.
ئاشغابات 1928 نجى يىل.

enedilim.com

jaýynda ýaşaýar) we ol ilki Halk Magaryf komissarlygynyň ýanynda döredilen Türkmen bilim sowetiniň (GUS) çleni, soňra Türkmen medeniýeti institutynyň ylmy işgäri bolup işleýär. 1925–1930-njy ýyllar arasy M. Geldiýewiň döredijiliginiň gülleýän döwri bolýar.

Şu döwürde türkologik gurultaý çagyrylýar (1926 ý.). Onda türki halklaryň medeni durmuşy bilen, hususan-da, taryhy, etnografiýasy, edebiýaty bilen baglanyşykly dürli meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Edebi dilleriň ösüşi, okuw işleriniň gidişi, sowatsyzlygy ýok etmek ýaly meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy türki halklaryň edebi dilleriniň elipbiýi, orfografiýasy we terminologiýasy bilen baglanyşykly dürli pikirleriň, garaýyşlaryň üstüni açýar.

M. Geldiýew şol gurultaýyň işine aktiw gatnaşýar. Gynansak-da, onuň çykyşynyň teksti türkmen dilinde bolanlygy sebäpli gurultaýyň stenografik hasabatyna girizilmändir. Şol sebäpli onuň nähili meseleleri gozgandygy bize mälim bolman galýar.

Gurultaýyň delegatlary türki halklaryň her biriniň öz edebi dilini ösdürmek üçin latyn grafikasyndaky elipbiýe geçmegiň peýdaly boljagyny, munuň üçin ýerlerde alnyp barylýan ähli işleri merkezleşdirmek gerekdigini, oňa ýolbaşçylyk etmek üçin täze türk elipbiýiniň Bütinsoýuz merkezi komitetini döretmegiň peýdaly boljakdygyny ykrar edýärler. Şoňa laýyklykda Täze türk elipbiýiniň bütinsoýuz Merkezi komiteti, onuň ýanynda bolsa ylmy sowet döredilýär. Muňa ähli doganlyk halklaryň wekilleri gatnaşýar. Täze türk elipbiýiniň merkezi komitetine Türkmenistandan K. Beriýew bilen M. Geldiýew wekilçilik edýär. Ylmy sowete M. Geldiýew çlen saýlanýar.

M. Geldiýewiň bu döwürde eden işlerini aşakdaky ýaly jemläp görkezmek mümkin.

1. M. Geldiýew ýigriminji ýyllarda halk köpçüliginiň sowatsyzlygyny ýok etmekde, milli medeniýeti ösdürmekde, her bir halkyň ene diliniň ähmiýetine örän dogry düşünýär, kommunistik partiýanyň syýasatyny durmuşa geçirmäge çalyşýar hem-de dil frontundaky gyşarmalara garşy berk göreş alyp barýar. Meselem, P. Ependizada türkmen edebi diliniň işlenilmändigini, normalaşmandygyny görkezip, türkmen dilini täze medeniýete ýaramsyz dil hasaplaýar we türkmen dilini taşlap, türk (osmanly türkleriň) diline geçmäge halk köpçüligini çagyrar [64].

Bu pikir marksizm klassyklarynyň, Kommunistik partiýanyň milli

enedilim.com

mesele baradaky taglymatyna garşydy, türkmen edebi dilini normalaşdyrmak, onuň jemgyýetçilik funksiýasyny ösdürmek işinde howpludy. Şonuň üçin oňa degişli gaýtawul bermek, onuň ideýasyny paş etmek, türkmen edebi dilini normalaşdyrmagy we ösdürmegi gorap saklamak zerurdy.

P. Ependizada ilkinji bolup gaýtargy beren, onuň reaksion pikirini paş eden, başga dile geçmek pikiriniň nädogrudygyny subut eden M. Geldiýew boldy. Ol şeýle netijä geldi:

«Biz bu ýoldaşa garşy. Aň-bilimi tiz almak üçin, öz iliňde, öz araňda ýöräp duran il dilinden bezip, şol iliň aň-bilimi, düşbüligi, güýji bilen hasaplaşman, gury türkçülik sazyn çalyp, il oglunyň garşysyna onuň aňyndan, biliminden, güýjünden daşary ýetmiş essesi ýat bolan bir dil, bir edebiýat bilen dogrudan-dogry aň-bilim berjek bolmak türkçülik ýolyda däl, medeniýete tiz barmak hem däl, belki, ... ýasama ýol bilen ýer ýüzünde ýaşaýan bütin türklere bir dil döretjek bolmak hassalygydyr diýýäris.

Şonuň üçin-de, biz öz ilimiziň aň-bilim ýoluna girmegi, şol aň-bilimini ösdürmegi üçin, iň dogry ýol — bu günki köpçüligimiz taýyndan ulanylýan dilimiz bilen, şolaryň aňyna, güýjüne, düşbüligine garap, kitaplar ýazmak, şol kitaplarymyzy bu günki Ýewropa medeniýetine dogry alyp barýan bir ýol bilen baryp, ýuwaş-ýuwaşdan il ogullarynyň güýjüne garap ösdürmek diýip bilýäris» [13].

Bu mesele barada ençeme adamlar çykyş etdiler, ony ýygnaklarda ara alyp maslahatlaşdylar. Şolaryň netijesinde P. Ependizadanyň ýalňyş pikirine obýektiw baha berildi we türkmen edebi dilini ösdürmek, normalaşdyrmak işi dowam etdirildi.

Ýigriminji ýyllarda türkmen edebi diliniň praktiki meseleleri doly çözülenokdy. Okuw kitaplary ýetmezçilik edýärdi. Başga respublikalardan çagyrylyp getirilen mugallymlar okuw kitaplaryny talap edýärdiler, eger okuw kitaplary bolmasa, onda öz ene (azerbaýjan, tatar, özbek we ş. m.) dillerinde okatmaga rugsat edilmegini soraýardylar. K. Beriýew bolsa başlangyç mekdepleri türkmen dilinde okadyp, orta mekdepleri we tehnikumlary häzirlikçe rus dilinde okatmagy, türkmen kadrlary ýetişenden soň, olaryň hemmesini türkmen diline geçirmegi amatly çykalga hasaplapdyr. Ol şeýle ýazýar:

«Преподавание всех предметов в средних школах пока долж-

enedilim.com

но вестись обязательно и только на русском языке... Этим мы не отказываемся от мысли: о необходимости построения в ближайшем будущем средней и высшей школы на родном языке. По части обеспечения языка литературой думаем на первое время построить школы первой ступени на своем языке и издавать литературу и художественного и общественно-политического характера. С течением времени увеличится количество граммотных и образованных, из среди которых, выйдут и научные силы. Эти научные силы, будучи в состоянии преподовать свои знания на родном языке, помогут как следует создать среднюю школу и заложить основу высшей школы» [5].

Döwlet edaralarynda haýsy dilde iş alyp barmak meselesinde-de ýokardaky ýaly pikir aýdylýar [8].

M. Geldiýew bu pikire düýbünden garşy çykýar. Ol keseden gelip, hiç kimiň türkmen edebi dilini normalaşdyryp we ösdürip bermejegini, şonuň üçin şu günki günüň hajatlarynda türkmen dilinden peýdalanmak gerekdigini, türkmen mekdeplerinde okuwy we döwlet edaralarynyň işlerini ene dilimizde alyp barmak gerekdigini, diňe şeýle edilende, türkmen edebi dilini ösdürip we normalaşdyryp boljakdygyny, diňe şeýle ýagdaýlarda ýerli kadrlary ösdürip ýetişdirip boljakdygyny adalatly belleýär [17, 20].

Magaryf işlerinde halkyň ene dilini peýdalanmagyň dogry ýol bolandygyny indi hemme alymlar ykrar edýärler. Ine, şu mesele barada Ý. D. Deşeriýew we I. F. Protçenko şeýle ýazýarlar:

«Во-первых, родной язык является наиболее понятным и доступным широким слоям трудящихся средством обучения грамоте. Во-вторых, на начальных этапах обучения грамоте родной язык-важнейшее средство мышления, особенно у детей. Ведь трудно было бы обучать их грамоте, развить мышление на непонятных языках. Это потребовало бы гораздо больше времени и осложнило бы подготовку национальных кадров. В-третьих, поскольку ставилась задача всемерно развивать национальную культуру, необходимо было учитывать что родной язык является наиболее привычной, лучше всего воспринимаемой формой выражения духовной культуры народа, его национального самосознания. Наконец, в-четвёртых, необходимо было на реализовать принципиально важ-

enedilim.com

ный лозунг свободы родного языка и всемерного его развития» [38].

M. Geldiýew ähli dialektlere umumy bolan dil elementleri esasynda türkmen edebi dilini ösdürmegi we normalaşdyrmagy maksada laýyk hasaplapdyr [50]. Bütin ömründe şu ideýany durmuşa geçirmäge çalşypdyr. «Türkmen diliniň grammatikasynda» ol şeýle ýazýar:

«Bu kitaby düzende, türkmen halkynyň belli bir okrug ýa-da raýonda ýaşaýan uruglarynyň gepleýişlerini esas edinmän, belki, elimizden geldikçe, gola düşen materiallar boýunça, şu günki diri bolan türkmen uruglarynyň janly gepleýiş dillerindäki ortagrak bolan, umumy sarfy (morfologik – T. T.) hem fonetika kadalaryny esas edinip aldyk, şu günki edebiýatymyza üzül-kesilräk bolup geçen normalary hem gözden gaçyrmadyk (salmadyk – T. T.)» [18, VIII s.].

Edebi dilimiziň esasy baradaky bu pikir Türkmenistanyň Birinji ylmy konferensiýasynda tassyklandy.

Şeýlelikde, bu meselede M. Geldiýewiň tutan ýoly dogry bolupdyr.

Şunuň bilen baglylykda ol türkmen edebi diliniň häsiýetli aýratynlyklaryny görkezipdir. Ol edebi dili normalaşdyrmagyň dialekt esas bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyna aýdyň göz ýetiripdir. «Bu mesele, meniňçe, örän açyk. Sebäbi ýaňy dogup gelýän türkmen edebi dilini belli bir urugyň, tiräniň şiwesine (gepleýşine) ýa-da belli bir orna, merkeze esas edilip, şonuň üstüne oturdylsa, onuň imlasy-da (orfografiýasy – T. T.), öz sözlerinden alynýan adalgalary-da (terminleri – T. T.), köplenç, şoňa garap ýöreýär (işledilýär – T. T.). Eger-de edebi dilimiz bu günki janly türkmen şiweleriniň ortak häsiýetlerine daýanyp, şoňa esaslandyrylsa, onuň imlasy we türkmen sözlerinden alynýan adalgalary-da şoňa garap, ortak häsiýetleri özüne maýak edinip alýar» [27].

2. Bu döwürde türkmen elipbiýini arap grafikasyndan latynça geçirmek medeni rewolýusiýanyň esasy meselesi bolýar. Täze elipbiý, onuň orfografiýasy boýunça proýektleri taýýarlamak, olary Täze türk elipbiýiniň bütinsoýuz merkezi komitetiniň plenumlarynda maslahata goýmak, görkezilen bellikleri düzetmek, latyn grafikasyna geçmegiň ähmiýetini halka düşündirmek, halk köpçüligi üçin gollanmalar döretmek [51, 126-128 s.], şol esasda türkmen dili boýunça mekdepleri okuw kitaplary bilen üpjün etmek, esasan, M. Geldiýewiň we K. Böriýewiň gerdenine düşýär. Eger-de G. Aliýewiň 1920-nji we 1922-nji

enedilim.com

Birleşin, aytın jer jyzinin jooqsılları!

M. GELDIJIF. Ǫ. ALPAARЬF

TЧRKMEN DILININ

QЬRAMMAATЬЬQASЬ

(SARF-NAXUV)

BIRINÇI JOOLA BASЬLЬŞЬ

OQЬDЬÇLARA ULANMA HEM ORTA MEKTEPLER ЧCIN SAPAQLЬQ

TЧRKMENISTAAN DEVLET NEŞRIJAATЬ
AŞQABAAT
1929

enedilim.com

ýyllarda neşir edilen «Ilkinji ýyl türkmen dili» diýen kitabyny hasaba almasak, M. Geldiýew 1922–1930-njy ýyllarda türkmen dili boýunça ýazylan ähli okuw kitaplarynyň awtory ýa-da awtorlarynyň biridir [12, 14, 15, 18, 19, 24, 29, 30, 31].

Şeýlelikde, M. Geldiýew, bir tarapdan, türkmen ýazuwyny latyn grafikasyndaky täze elipbiýe geçirmegi guraýjylaryň, ikinji tarapdan, latyn elipbiýi esasynda türkmen diliniň orfografiýasyny esaslandyryjylaryň biri bolupdyr. Edebi diliň orfografik kadalaryny esaslandyrmak aňsat iş bolmandyr. Munuň üçin türkmen diliniň ses sistemasyny, grammatik gurluşyny, sözlük sostawyny içgin öwrenmeli bolupdyr. M. Geldiýew şeýle hem edipdir. Ýazan okuw kitaplarynda makalalarynda türkmen edebi diliniň iň çylşyrymly meseleleri barada öz pikirini aýdypdyr we, şeýlelikde, onuň ençeme jedelli meselelerini oňaýly çözmegi başarypdyr [27, 28, 2-3 s.].

Elipbiý we orfografiýa bilen baglanyşykly eden işlerini M. Geldiýew 1930-njy ýylda geçirilen Türkmenistanyň ylmy konferensiýasynda türkmen edebi diliniň orfografiýasy boýunça eden dokladynda jemledi[1] [54, 16-20 s.].

M. Geldiýew türkmen edebi dilinde 16 sany çekimli, 24 sany çekimsiz fonemanyň bardygyny, ýazuwda bu fonemalaryň her birini aýratyn belgi bilen ýazyp görkezmek gerekdigini subut etdi. Hut M. Geldiýewiň teklibi boýunça Täze türk elipbiýiniň bütinsoýuz merkezi komitetiniň birinji plenumynda adaty çekimlini görkezýän harpy goşalandyryp ýazmak arkaly uzyn çekimlini görkezmek boýunça karar kabul edildi. Şoňa laýyklykda, ýakut, gyrgyz, türkmen we beýleki dillerde uzyn çekimlileri *aa*, *oo*, *uu*, *yy*, *ii* kimin ýazmak praktika ornaşdyryldy. Şol däp ençeme dillerde henize çenli dowam etdirilýär. Türkmenistanyň 1-nji ylmy konferensiýasynda M. Geldiýewiň teklibi geçmedi: dilçi däl adamlaryň «tygşytlylyk» baradaky pikirinden ugur alnyp, uzyn çekimlileri ýazuwda bellemezlik makullandy. Şonuň bilen türkmen diliniň orfografiýasynda bejermesi kyn bolan «baş» emele geldi.

---

[1] Dürli sebäplere görä M. Geldiýewiň dokladynyň tezisleri-de, doklady-da çap edilmändir, ýöne onuň doklady esasynda Türkmen ylmy konferensiýasynyň türkmen dili imlasy hakynda çykaran karary «Türkmenistanyň 1-nji ylmy konferensiýasynyň edebi dil, adalga hem imla dogrusynda çykaran kararlary» (Aşgabat, 1930) diýen kitapda çap edilipdir.

enedilim.com

Birleşin, aşlın jer yzinin jooqsıları!

M. Gelcijif.

DAJHAAN

ELIIPBIISI

Tyrkmenistaan Devlet Neşrijaatı.

AŞQABAAT, 1928-nçi jıl.

enedilim.com

Birle-in ewtiin jer jyzinin jooqsyllary

M. Gerdiiif, K. Beerijif.

LATЬЬN HARPЬ
ESAASЬNDA DЎZILEN

TYRKMEN ELIIPBIISI

(3-nçi jola basylдь)

Туркменское
Государственное
Издательство
гор. Ашхабад, 1928 г.

Tyrkmenistaan
Devlet Neşrijaty
Aşgabat 1928-nçi j.

enedilim.com

M. Geldiýew türkmen edebi diliniň orfografiýasyny fonetika morfologik prinsipler, esasynda düzdi. Şu prinsipleriň türki diller üçin peýdalydygyny ençeme işlerinde düşündirdi.

M. Geldiýew morfologik prinsipe eýerip goşulmalaryň goşulmagy bilen ýüze çykýan çekimsiz sesleriň assimilýasiýasyny ýazuwda görkezmezligi esaslandyrdy. Ol söz ahyryndaky *k*, *p*, *t*, *ç* çekimsizleriniň degişli *g*, *b*, *d*, *j* çekimsizlerine öwrülişini, orun-orny, bagyr-bagry kimin ikinji bogundaky dar çekimlileriň düşüp galyşyny ýazuwda görkezmek bilen, dürs ýazuw kadalaryny bellemekde fonetik prinsipden peýdalandy. Bu bolsa ýazuw dilimizi sözleýiş diline has ýakynlaşdyrdy.

M. Geldiýew çekimli sesleriň inçelik ýa-da ýogynlyk taýdan sazlaşyk (singarmonizm) kadasyny esaslandyryp, ony türkmen diliniň orfografiýasyna esas edip aldy, şoňa laýyklykda türki goşulmalaryň iki wariantda ulanylýandygyny, ýogyn çekimlisi bolan sözlere ýogyn, inçe çekimlisi bolan sözlere inçe çekimlili wariantyň goşulýandygyny subut etdi; başga dillerden geçen sözleriň inçelik we ýogynlyk singarmonizmine boýun egmeýşini, emma goşulma goşulanda, sözüň sostawyndaky iň soňky çekimlä eýermelidigini (serdar-serdara, derýaderýadan) esaslandyrdy.

Dodak çekimlileriniň ýazuw düzgüni barada M. Geldiýew original pikiri öňe sürdi. Onuň pikiriçe dodak çekimlileriniň sazlaşygy ähli dialektlere häsiýetli däl. Şoňa eýe bolan dialektlerde-de bu hili sazlaşyk sözüň soňky (dördünji, bäşinji we ş. m.) bogunlaryna ýaýramaýar (boldugundan, gördügünden diýlip geplenmeýär) [16, 10 s]. Şoňa esaslanyp, M. Geldiýew dodak çekimlilerini diňe sözüň birinji bognunda ýazmak baradaky kadany esaslandyrdy. *O* hem-de *ö* çekimlileri barada bu kada örän peýdaly boldy. Ol henize çenli üýtgewsiz dowam etdirilýär, emma *u*, *ü* çekimlileriniň ýazylyşy baradaky kada saklanmady, Türkmenistanyň Birinji lingwistik gurultaýynda olar düýp sözleriň ikinji bognundada ýazylmaly edilen bolsa, Türkmenistanyň Ikinji lingwistik gurultaýynda olary ikinji bogunda ýazmak goşulmalara-da geçirildi. Şeýlelikde, biziň pikirimizçe, orfografiýa kadasy çylşyrymlaşdyryldy.

M. Geldiýew basym taýdan birleşen *bilbag*, *orunbasar*, *Daşkent*, *Magtymguly* ýaly sözleriň komponentlerini goşup ýazyp, *ýigrimi bir*, *on sekiz*, *alyp ýatyr*, *doklad etmek*, *demir ýol*, *Türkmen bilim ýurdy* ýaly sözleriň komponentlerini aýry ýazmak baradaky kadany esaslandyrdy.

enedilim.com

Ol başga dillerden kabul edilip, halk tarapyndan doly özleşdirilen sözleri halkyň aýdyşy ýaly (bedre, täsir, jogap, kemput), ylmy terminleri we internasional sözleri mümkin boldugyça üýtgetmän ýazmagy (Lenin, telefon, traktor, kommunist we ş. m.) ulanylyşa girizdi.

Şeýlelikde, M. Geldiýew türkmen diliniň dürs ýazylyş kadalaryny esaslandyrdy. Ol kadalar käbir üýtgeşmeleriň girizilmegi bilen henize çenli dowam edip gelýär [58, 7-61 s.].

3. M. Geldiýew ýazan okuw kitaplarynda türkmen diliniň grammatik gurluşynyň esasy meselelerini ilkinji bolup ýazyp görkezdi. Söz toparlary, her bir söz toparyna degişli sözleriň ýasalyş ýollary, söz toparyna degişli grammatik kategoriýalar (meselem, atlaryň düşüm, ýöňkeme, san bilen üýtgeýşi, sanlaryň görnüşleri, tertip sanlaryň ýasalyşy, sypatlar we onuň görnüşleri, başga söz toparlaryndan sypat ýasalyşy, sypat derejeleri, işlikler, işlik ýasalyşy, işlik derejeleri, işlik zamanlary, işlik formalary, esasy sintaktik kategoriýalar) ilkinji gezek M. Geldiýew tarapyndan (G. Alparow bilen bilelikde) ýazylyp görkezildi. Şeýlelikde, türkmen edebi diliniň grammatik gurluşyny öwrenmegiň, bu barada okuw kitabyny döretmegiň başy başlandy. Onuň bu işleri henize çenli öz ähmiýetini ýitirenok.

Türkmen edebi diliniň fonetik sistemasyny we morfologik gurluşyny ýazyp görkezmekde M. Geldiýewiň fonetika, morfologik prinsiplere esaslanandygyny, Türkmenistanyň Birinji we Ikinji lingwistik gurultaýlarynyň kararlarynda bu barada agzalmazlygyna garamazdan, türkmen diliniň grammatik gurluşyny ýazyp görkezmekde bu prinsipleriň örän ähmiýetli bolandygyny ýatlamak gerek.

4. Türkmen dil biliminde häzir ulanylyp ýörlen lingwistik terminleriň ençemesiniň döredilişi M. Geldiýewiň ady bilen baglanyşyklydyr. Ol halk köpçüligine düşnükli bolan türkmen sözlerinden termin döretmäge çalşypdyr, käbir ýagdaýlarda türkmen diliniň öz baýlyklaryndan döredilen terminiň yzyndan onuň arapça ekwiwalentini hem görkezipdir (adal – ganistilah, sözlem – jümle, eýe – mubtela we ş. m.) Soňky döwürde bularyň türkmen warianty ýazuw dilimizde berkäp, arapçasy ulanylyşdan galypdyr.

Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň döredilen gününden başlap, termin döretmek meselesi köpçülikleýin çözülmäge başlandy. Käbir adam türkmen dilini arap-pars sözlerinden arassalamagy, sap

enedilim.com

M. Geldiýewiň. M. Böriýew tarapyndan latyn harpy esasynda düzülen türkmen elipbiýi

enedilim.com

türkmen sözlerinden termin döretmegi talap etse [66, 46], käbiri «ýogalan we unudylan» sözleri tapyp işletmegi zerur hasaplady. M. Geldiýew şu pikirleri analizläp, termin döretmekde türkmen diliniň öz baýlyklaryny esasy baza hasaplady. Eger öz dilimizde degişli söz bolmasa, onda başga dillerden söz almak gerekdigini esaslandyrdy:

«Öz dilimizde bir zadyň ady bolmadyk çagda, iň ilki gezegi gazak, özbek, tatar, azerbaýjan... kimin garyndaşlarymyza baryp, şolaryň dillerinden ýat bolmadyk sap türk sözlerini almakdyr.

Ikinji gezegi, olarda bolmasa, çagataý, uýgur dilleri kimin köne türk sözlerine bermeli.

Üçünji gezekde bolsa arap, pars ýa-ki Ýewropa dillerinden söz almak meselesi gelip çykýar. Bu üçünji gezekde ýoldaş Nasyrlynyň pikirine bütinleý goşulýarys, ýagny adalga (istilah) almak meselesinde soňky asyr medeniýetiniň eýesi bolan Ýewropa dillerine berýäris, şondan almagy makullaýarys» [26].

M. Geldiýew termin döretmekde Birinji türkologik gurultaýyň görkezmelerini durmuşa geçirmäge çalşypdyr [20].

5. M. Geldiýewiň türkmen dil biliminde bitiren uly hyzmatlarynyň biri-de onuň 1930-njy ýylda bolup geçen 1-nji ylmy konferensiýasyny taýýarlamaga we geçirmäge aktiw gatnaşmagydyr. Mälim bolşy ýaly, şu konferensiýa türkmen edebi diliniň ösüş ýoluny, aýratynlyklaryny kesgitledi, orfografik kadalaryny, termin döretmek prinsiplerini tassyklady [56].

Konferensiýanyň kabul eden kararlary türkmen edebi dilini normalaşdyrmagyň başyny başlady.

6. M. Geldiýew türkmen edebiýatyny öwreniş ylmyny esaslandyryjylaryň biridir. Ol türkmen halk döredijiligini ýygnamak, klassyky edebiýaty öwrenmek işine ýigriminji ýyllaryň başlarynda başlaýar. Türkmen nakyllaryny, ertekilerini neşir etmäge aktiw gatnaşýar.

«Türkmen ýazyjylar üýşmegi» döredilende, onuň ilkinji başlygy saýlanan M. Geldiýew türkmen sowet edebiýatyny ösdürmekde, ony ugrukdyrmakda, ýaş ýazyjylaryň, şahyrlaryň döredijilik işine kömek bermekde öz güýjüni gaýgyrmandyr. «Türkmen ýazyjylar üýşmegi» Türkmenistan Ýazyjylar soýuzynyň döredilmegindäki ilkinji ädim bolupdyr. Onuň edebiýat bilen baglanyşykly çap edilen makalalary ýörite derňelmäge mynasypdyr.

enedilim.com

Şeýlelikde, M. Geldiýew ýigriminji ýyllarda «Türkmenistanyň birinji ylmy adamy» bolupdyr.

M. Geldiýew aradan çykandan soň, ol milletçi, pantürkist hökmünde agzalyp başlanýar. Diňe ýetmişinji ýyllardan soň M. Geldiýewiň hormatly ady agzalyp başlandy. Muňa garamazdan, M. Geldiýewiň döredijiligine bolan garaýyşlar henize çenli ylmy esasda derňelenok. Otuzynjy ýyllarda ýazylan makalalara esaslanyp, M. Geldiýewi milletçi, pantürkist hasaplaýanlar heniz hem ýok däl. Şonuň üçin-de M. Geldiýewiň döredijiligine bolan garaýyşlar barada durup geçmek zerur.

M. Geldiýewi ilkinji gezek pantürkist hasaplan A. Garahanow boldy [41, 28-31 s.].

Otuzynjy ýyllaryň başlarynda M. Geldiýewiň ýogalmagy, A. Gulmuhammedowyň atylmagy, Wepaýewiň daşary ýurda gaçyp gitmegi Türkmen medeniýet institutynyň işgärlerini aýyplamaga amatly şert döredýär. A. Garahanow mundan peýdalanýar. Ol şol institutyň işgärleriniň köpüsini, aýratyn-da K. Böriýewi, M. Geldiýewi, A. Gulmuhammedowy, A. P. Poseluewskini tankytlaýar, M. Geldiýewi, K. Böriýewi, A. Gulmuhammedowy, B. Berdiýewi milletçi, A. P. Poseluewskini «welikorusşowinist» hasaplaýar. Ol pikirini aşakdakylar bilen delillendirýär:

1. Türkmenistanyň 1-nji ylmy konferensiýasynyň kararlaryna laýyklykda, türkmen diliniň orfografiýasynda söz başynda süýkeş *g* ýazylman, zarply *g* ýazylýandygyny ýatlap, A. Garahanow ony nädogry hasaplaýar we «bu işe ýolbaşçylyk eden M. Geldiýew we K. Böriýew muny tötänden etmediler. Olar Magtymgulynyň we Nowaýynyň ýazyş tradisiýasyny saklamak, türkmen dilini çagataý diline ýakynlaşdyrmak üçin etdiler» diýen netijä gelýär. Ol pikirini şeýle jemleýär:

«Кроме того, это есть единая стройная цепь мероприятий определенной политической группировки в литературе, так называемых «ревнителей чагатизма». Чагатаисти объективно ли, субъективно ли скатываются на позиции пантюркизма и национал-шовинизма. Они враждебно относятся к зарождающейся советской, пролетарской литературе Средней Азии, создающей свой новый стиль и язык, национальной по форме, социалистической по своему содержанию и значению. Разлагающее реакционное значение в чагатаизма — не в его форме, а в его мировоззрении» [41, 30 с.].

enedilim.com

2. A. Garahanowyň pikiriçe, M. Geldiýew 1926-njy ýylda neşir edilen «Dil sapaklygy» diýen kitabynda «Türkmen edebiýatynyň esasyny goýan Magtymguly ýaly şahyry bolan halkyň täze medeniýet döredip biljekdigine ikirjiňlenmese bolar» diýmek bilen, Magtymgulyny idealizirleýär. Ol soňky makalasynda bu pikirini has konkretleşdirýär. «M. Geldiýew ýomut kabylasyndan bolan Magtymgulyny öwüp, halka hödürlemek bilen, öz dialektini edebi diliň esasyna almaga çalyşýar» [10, 1-8 s.].

3. A. Garahanowyň pikiriçe, M. Geldiýew türkmen dilini «edebi dil» we «halk dili» diýen iki topara bölüp, edebi dil barada gürrüň edende, Magtymgulynyň, Zeliliniň, Keminäniň, Mollanepesiň we başgalaryň diline düşünýär. Şeýlelikde, ol ýeke-täk türk dilini döretmek, türk birligini döretmek ugrunda iş alyp barypdyr.

A. Garahanow pikirini şeýle jemleýär: «Şeýlelik bilen, türkçi Geldiýew, Gulmuhammedow we olaryň ynançly kömekçisi Wepaýew hemde olary Samoýlowiçiň makul bilmekligi netijesinde türkmen dili we edebiýaty çagataý diline, ýagny ikinji hili aýdanda, umumy türk diline goşulýar» [10, 3 s.].

4. A. Garahanowyň pikiriçe, M. Geldiýew türk birligini wesýet eden Fitrat bilen pikirdeş. Ol hut Fitratyň pikirine, wesýetlerine esaslanyp, «türkmen dilinden arap, pars, rus we beýnelmilel adalga we sözleri aýyrýar, olary türk sözleri bilen çalşyrýar ýa-da M. Geldiýewiň özi tarapyndan oýlanyp çykarylan we galypyň ýeke Geldiýewiň özünden başga düşnükli bolmadyk türki sözleri bilen çalşyrýar (ýargama, bitim, dakma söz, dymyk ses, erin ýaltalygy we başgalar)» [10, 2 s.].

A. Garahanowyň görkezilen pikirleri Türkmenistan Kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň sekretarlarynyň we beýleki onlarça adamlaryň çykyşlarynda gaýtalanyp başlanýar. Olaryň hiç birinde görkezilen meseleler içgin derňelmän, halk duşmanlaryna, milletçilere, pantürkistlere garşy göreşi güýçlendirmek talap edilýär, beýik Magtymguly bolsa eziji synpyň wekili, çagataý dilini dowam etdiriji hasaplanýar [42], [37, 34-48 s.], [45].

Bularyň hemmesi M. Geldiýewiň işleriniň ýapyk fonda geçirilmegine, milletçi, pantürkist hökmünde agzalmagyna sebäp bolýar.

Eýsem A. Garahanowyň aýdanlary dogrumy? Biziň pikirimizçe, dogry däl. Okyja has düşnükli bolar ýaly, geliň, ol punktlaryň üstün-

enedilim.com

de durup geçeliň.

1. Sözüň başynda zarply *g* sesiniň ulanylyşy. Şu pozisiýada, süýkeş *g* sesiniň ulanylmaýşy türkmen edebi diliniň orfoepik normasy [62, 23 s], [59, 52 s.]. Şeýle ýagdaý türkmen diliniň dialektleriniň we gepleşiklerinň hem köpüsi üçin häsiýetlidir. Şonuň üçin-de Türkmenistanyň 1-nji ylmy konferensiýasynda söz başynda süýkeş *g* sesiniň ulanylmaýandygy, bu pozisiýada diňe zarply *g* çekimsiziniň ulanylýandygy baradaky kabul edilen pikir ýeke-täk dogry ýol görkezmedi. Muňa garamazdan, A. Garahanow şol konferensiýanyň kararyny özüçe üýtgetmäge çalyşdy: *gar*, *garga*, *gan*, *gawun* ýaly sözleriň birinji çekimsizini süýkeş *g* [oj] harpy bilen ýazmak barada kada döretdi [40, авторск. приложение]. Bu bolsa orfografiýada uly baş-başdaklyk döretdi. Bütinsoýuz täze elipbiýiň merkezi komitetiniň wekili K. Ýunusow şeýle ýazýar:

«Одним из самых больших вопросов является туркменская орфография. Существующий разнобой орфографии в печати, несоблюдение решений 1 Туркменской научной конференции по литературному языку, орфографии и терминологии создали большую путаницу в орфографии туркменского языка. Выпуск новой грамматики под редакцией Караханова, принципы которой противоречат решению вышеуказанной конференции, еще больше углубил путаницу в туркменской орфографии» [65, 72 с.].

Ýeri gelende aýtsak, iki çekimliniň, çekimli bilen käbir çekimsizleriň arasynda we sözüň ahyrynda gelende, *g* çekimsizi süýkeş aýdylýar. Meselem, *ige*, *aga*, *tagta*, *dag*, *bag* we ş. m. Latyn grafikasyna geçilende, şu hili sözlerdäki süýkeş *g* çekimsizini zarply *g* çekimsizinden tapawutlandyrmak göz öňünde tutulyp, oňa degişli aýratyn harp alnypdy, emma sowat öwretmegi aňsatlaşdyrmak maksady bilen 1934-nji ýylda ol elipbiýden aýryldy. Şeýlelikde, ýazuw dili sözleýiş dilinden daşlaşdyryldy. Bu ýagdaý doganlyk halklaryň türkmen dilini özleşdirmegini belli bir derejede kynlaşdyrdy we kynlaşdyrýar. Eger süýkeş *g* çekimsizini görkezmek üçin aýratyn harp – belgi alynsa, bu işi ýeňilleşdirmek bolardy. Şeýle ediläýende-de, süýkeş *g* çekimsiziniň söz başynda ulanylmagy mümkin däl.

Şeýlelikde, A. Garahanowyň bu pikiri ylmy jähtden nädogry. Egerde süýkeş we zarply *g* çekimsiziniň arap we latyn grafikalarynda görkezilişi barada aýtmaly bolsa, onda şulary bellemek gerek. Arap grafi-

enedilim.com

kasyndaky ýazuwda inçe çekimliler bilen ulanylýan *g* ýogyn çekimliler bilen ulanylýan *g* sesinden, zarply *g* süýkeş *g* sesinden tapawutlandyrypdyr. Şoňa laýyklykda ق [kap], غ [gaýn], ک [käp], گ [gäp] harplary ulanylypdyr. Şonuň üçin latyn grafikasyna geçilende Q,q (ق) – Ꝗꝗ (غ) – K,k (ک) – G,g (گ) harplary alnypdyr [6]. Şu harplaryň alynmagynda zarply we süýkeş wariantlaryň tapawutlandyrylmagyna garamazdan, *g* hem-de *k* çekimsizlerini tapawutlandyrmak doly başartmandyr, *gum*, *gaýçy*, *garga*, *gaş*, *gamyş*, *goşgy* sözleriniň birinji harpynyň *kap* bilen ýazylmagy olaryň *kum*, *kaýgy*, *kaş*, *kamyş*, *koşgy* ýaly okalmagyna getiripdir.

Şeýlelikde, M. Geldiýew latyn grafikasyna geçmekde arap grafikasynda dowam edip gelen däpden doly saýlanyp bilmändir. *Kap* harpyny ýogyn çekimliler bilen ulanylýan *g*, *k*, *gaýn* harpyny ýogyn harplar bilen ulanylýan süýkeş *g*, *käp* harpyny inçe çekimliler bilen ulanylýan süýkeş *g* harpy bilen aňlatmagy maksada laýyk hasaplapdyr. Eýsem M. Geldiýew şuny çagataý diliniň elementlerini saklamak üçin edipmi? Biziň pikirimizçe, beýle däl. Birinjiden, latyn elipbiýine geçmek işi merkezleşdirildi. Türkmenistanda latyn elipbiýine geçmek boýunça düzülen proýekt Täze türk elipbiýiniň bütinsoýuz merkezi komitetiniň birinji plenumynda (1927-nji ýylyň 5-nji iýunynda) we TSSR Merkezi Ispolnitel Komitetiniň ýanynda döredilen Täze latyn elipbiý komitetinde (1927-nji ýylyň 28-nji iýunynda) ara alnyp maslahatlaşyldy we tassyk edildi. Soňra ol Türkmenistanyň 1-nji ylmy konferensiýasynda tassyklandy. Şeýlelikde, bu elipbiý ýeke M. Geldiýewiňki bolman, döwlet ähmiýetli resmi dokumente öwrüldi. Galyberse-de, şeýle ýagdaý doganlyk halklaryň hemmesiniň latyn grafikasy esasynda düzülen elipbiýine häsiýetlidi. Şu sebäpli müny milletçilik, pantürkizm bilen baglanyşdyrmaga esas ýok.

2. Dogrudan-da, ýigriminji ýillarda beýik Magtymgulynyň döredijiligine baha bermekde dürli pikirler bolupdyr. K. Böriýew, B. Berdiýew, A. Gulmuhammedow we başgalar türkmen klassyklarynyň eserlerini ýygnamagy, neşir edip, halka ýaýratmagy zerur hasaplapdyrlar, klassyky edebiýatymyzyň dilini türkmen edebi dilini ösdürmegiň esasy çeşmeleriniň biri hasaplapdyrlar. Käbiri muňa garşy çykypdyr, gadymy türkmen edebiýatynyň dilini «täze medeniýet üçin ýaramsyz» hasaplapdyr. Şeýle pikir käbir uly wezipedäki adamlarda-da bolupdyr. Meselem, Türkmenistan Kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň wagyz-nesihat

enedilim.com

bölüminiň müdiri G. Sähedow şeýle ýazypdyr:

«Türkmen dilini ösdürmek, adalgalar işläp çykarmak ugrunda köne çeper edebiýat kän peýda getirip bilermi? Bu soraga jogap bermezden öňürti köne edebiýatyň nämedigini düşünmek zerur. Köne edebiýat bütin başga dürli ijtimagy — syýasy ýagdaýlar içinde döredi, ol ýeke araplaşan molla, işan we şulara meňzeşleriň durmuşyny aýdyňlaşdyrdy. Molla, işanlar bolsa tebigy din ady bilen halky aldap, rahat ýaşap ýörenleri üçin, olar arap diline has pugta ýakynlaşmaga jan çekýärdiler, çünki yslam dininiň ýüze çykan ýeri Arabystan bolup, asyl dili-de arap dilidir.

Ine, şu arapçylyk teswirinden, elbetde, biziň ýazyjy we şahyrlarymyz hem geçip bilmediler. Oňa görä köne edebiýatyň halk dilinden birneme daşlaşandygyny görmek kyn iş däl. Şeýlelik bilen, umuman, türkmen dilini ösdürmek we, ylaýta-da, adalga işläp çykarmak ugrunda köne edebiýatyň tutýan orny şu ýokarda ýazanlarymyzdan açyk görünse gerek.

Ylmy adalga işläp çykarmak ýolunda köne edebiýat belli bir peýda getirip bilmez oý edýäris» [52, 16-17 s.].

M. Geldiýew bu pikir bilen ylalaşmandyr. Ynha, onuň bu meseledäki pikiri şeýle:

«Говорят, что старая поэзия и старая литература вредна и не нужна нам. Это неправильный подход. Отбрасывать совершенно старую литературу мы не должны. Она должна быть использована, но использована для изучения истории и этнографии туркменского народа» [50].

Başga bir makalasynda M. Geldiýew Magtymguly ýaly şahyrlaryň eserlerini ýygnamak gerekdigini, olary ylmy işgärler üçin çap etmek zerurdygyny, halk köpçüligi üçin çap edilen-de, ol eserleri «tankyt eleginden» geçirmek gerekdigini ýörite belleýär [21].

Şeýlelikde, M. Geldiýewiň bu pikiri dogry ekeni. Muny gadymy edebiýatymyzy öwrenmek boýunça soňky geçirilen barlaglar doly subut etdi:

Magtymgulynyň döredijiliginiň diňe türkmen halkynyň däl, eýsem ähli progressiw adamzadyň guwanjydygyny, onuň çeper edebiýatyň dilini halk diline ýakynlaşdyrmakda uly ädim ädendigi, şeýlelikde, türkmen edebi diliniň ösüşinde täze bir ugruň, öwrülişigiň başyny başlandygy su-

enedilim.com

but edildi. Şeýle beýik akyldaryň türkmen sährasynda ösüp ýetişmegine biziň guwanmaga hakymyz bar.

«Umuman, beýik şahyr Magtymguly Pragy... biziň zähmetsöýer halkymyzyň medeniýetli zamandaşlarymyzyň kalbynda uly orun alyp, köpçüligiň, aň-düşünjesinde aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän akylpaýhas çeşmesi, öten-geçen şahyrlaryň halypasy, türkmen edebi dilini düzgün-tertibe salyp, belent derejä ýetiren hasap edilýär. Şeýle diýmäge Magtymgulynyň iň oňat goşgulary belli derejede esas berýär. Akyldar şahyryň ölmez-ýitmez şygyrlary zähmetkeş halkyň medeni mirasydyr [57, 2k, 97 s.].

Magtymgulynyň gökleň dialektiniň gerkez urugyndandygy ylymda subut edildi. Şonuň üçin-de A. Garahanowyň «ýomut kabylasyndan bolan Magtymgulyny idealizirläp, M. Geldiýew öz dialektini edebi diliň esasyna almaga çalyşdy» diýmegi tankyt edeniňe degmeýän howaýy ýaňramadyr.

Edebi diliň esasy barada aýtmaly bolsa, onda M. Geldiýewiň öz dialektini (ýomut dialektini) edebi diliň esasyna almak barada hiç haçan çykyş etmändigini, onuň işlerinde hiç ýerde bu barada aýdylmandygyny bellemelidiris. Bu meselede G. Sähedowyň pikiri ýol görkeziji bolupdyr. Ol şeýle ýazýar:

«Dilimiziň ösmegine böwet bolýan ýagdaýlaryň biri-de tire bölünişigidir. Şu mahal her bir tiräniň gepleýşi biri-birinden kem-käs üýtgeşigräkdir. Oňa görä adalga işläp çykarmak meselesinde, ine, şu ýagdaýy pugta hasaba almalydyrys. Biz jemhuriýetimizde sosializm gurluşygy işlerine ähli tire we uruglary goşmak syýasatyny ýöredýäris. Medeniýet, güzerançylyk we syýasat işlerinde ähli tireleri bir deňräk ösdürip, ahyrda tire bölünişigini we duşmançylygyny düýbünden ýok etmek zerur. Ine, dili ösdürmek meselesinde-de şu syýasata dogrulap işlemelidiris. Dilimizi her bir türkmen tiresi düşüner ýaly edip ösdürmek gerek. Şeýle etmesek, tire bölünişigi we duşmançylygyny aýyrmak kyndyr» [52, 15-16 s.].

M. Geldiýew bütin ömründe şu syýasaty durmuşa geçirmäge, ähli dialektlere umumy we düşnükli bolan faktlary edebi dile almaga çalşypdyr. Şu maksat bilen Krasnowodsk, Esenguly, Gyzyletrek, Garrygala raýonlarynda, Lebap boýunda 1927–1930-njy ýyllarda geçirilen ekspedisiýalara gatnaşýar, türkmen dialektlerine häsiýetli bolan umumylyk-

enedilim.com

lary içgin öwrenmäge girişýär, gökleň, ärsary, salyr dialektleriniň düýbünden öwrenilmänligi we dil faktlarynyň peýdalanylmanlygy sebäpli «Türkmen diliniň grammatikasyny» «çyn bir sapaklyk kitapdyr» diýmekden saklanýar» [18, VIII s.].

Dogry, türkmen dialektleriniň dil aýratynlyklarynyň doly öwrenilmezligi, hemme dialektlere umumy bolan käbir faktlaryň ýüze çykarylmazlygy netijesinde M. Geldiýewiň öz dialektiniň (ýomut dialektiniň günbatar gepleşikleriniň) dil faktyna esaslanan ýagdaýlary bolupdyr. Meselem, *towuk*, *sowuk* ýaly sözleriň *tawuk*, *sawuk* aýdylyşy we ýazylyşy. Bu hili ýalňyşlyklar otuzynjy ýyllaryň başlarynda eýýäm düzedildi, ähli dialektlere umumy we düşnükli bolan wariant bilen çalşyryldy. Olaryň käbiri edebi dilimizde doly berkedi. Meselem, işligiň häzirki zaman goşulmasynyň *-ýar -ýär*, warianty diňe ýomut dialektine häsiýetlidi. Şol hem edebi diliň normasy hökmünde kabul edilipdir, ýöne edebi dile alynmagy ýomut dialektinde ulanylýanlygy üçin däl. Muny M. Geldiýew şeýle düşündirýär:

«Türkmen dilinde bu häzirki zaman işliginiň birinji hatar zaman üýtgedijisi *-ýar*, *-ýär*, *-ýa*, *-ýä*, *-ýor*, *-op*, *-adur*, *-edur*, *-dur* kimin alty hili bolup gelýär. Bularyň içinde singarmonizm kadasyny-da bozman, hiç bir täze kada-da ýa-da ýatlama-da artdyrman jemleşdirmäge ýeňilräk bolany ilki *-ýar*, *-ýär* bilen *-ýa*, *-ýä* (ýazylypdyr: *-ýar*, *-ýär* – T. T.) boldugy üçin, *r* sesiniň hem köpüsinde bolmagyna görä, edebiýatymyzda *-ýar*, *-ýär* galypy ulanylýar» [18, 130 s.].

Kähalatlarda dialektlerde dürli wariantda ulanylýan goşulmanyň haýsy biriniň edebi diliň normasydygyny M. Geldiýew çözüp bilmändir. Şeýle ýagdaýda ol şol formanyň dürli wariantlaryny-da alypdyr. Meselem, türkmen diliniň dialektlerinde *-aý*, *-eý* (alaý, geläý), *-ga* (alaga, gelaga), *-a* (alaa, gelaa) ýaly goşulmalaryň sinonimdeşdigini ilkinji gezek M. Geldiýew ýüze çykarýar. Olaryň haýsysyny edebi dile almak meselesini doly çözüp bilmeýär, şonuň üçin-de olaryň hemmesini «Grammatikada» ýazyp görkezýär [18, 122-124 s.].

Bu wariantlar türkmen edebi dilinde uzak wagtlap ulanylýar we ahyrda teke dialektine häsiýetli bolan *-aý*, *-eý* ýeňiji bolup, edebi diliň normasyna öwrülýär, ýomut dialektine häsiýetli bolan *-ga*, *-ge*, *-a* görnüşleri dialekt aýratynlygy hasaplanyp, edebi dilden çykarylýar. Eýsem şu hili faktlara esaslanyp, M. Geldiýew «edebi diliň esasyna ýomut

enedilim.com

dialektini almaga çalşypdyr» diýen netijäni çykarmak bolarmy? Biziň pikirimizçe, bolmaz.

M. Geldiýew tirebazlyga garşy aýgytly göreşipdir, edebi diliň ähli dialektleriň wekillerine umumy bolmagy ugrunda çalşypdyr:

«Культурно-просветительная работа в Туркмении тормозится до некоторой степени тем, что до сих пор мы еще не освободились от племенной и родовой вражды, у нас еще сохранился в большой мере старый бытовой уклад и старые племенные деления. Вот это обстоятельство в культурной работе мешает не менее чем в других областях работы. Необходимо усилить борьбу с народными предрассудками и племенным делением Туркмении.

Среди наших взрослых учеников очень распространены споры о туркменском происхождении того или иного говора на том основании, что он не вполне соответствует говору его племении, например, ёмудскому, гокленскому или другому. Это поощряется безразличным отношением некоторых учителей, смотрящих на это явление сквозь пальцы. Это те учителя, которые сами являются узкими защитниками того или иного отдельного туркменского говора.

Нам необходимо из племенных разноречий создать один общий для всех туркменских родов туркменский, литературный язык» [50].

3. M. Geldiýewiň edebi dili halk (has dogrusy-umumyhalk) dilinden tapawutlandyrmagy öz döwründe eden uly üstünligidir. Umumyhalk dili diýlende, belli bir halkyň diline düşünilýär. Ähli dialektler-de, gepleşikler-de, hat-da jargonlar-da umumyhalk diline degişlidir. Edebi dil bolsa, M. Gorkiniň sözleri bilen aýtsak, «işlenilen dildir». Her bir edebi dil normalaşan, normalary kodifikasiýa salnan, ýagny okuw kitaplarynda, gollanmalarda, sözlüklerde ýazylyp görkezilen dildir. Munda «şeýle diýmeli — şeýle diýmeli däl» «seýle ýazmaly — şeýle ýazmaly däl» diýen prinsip hereket edýär, şol esasda edebi dil mekdeplerde okadylýar, onuň normalary halka propagandirlenýär, hut şol normalary berjaý etmek jemgyýetiň çlenlerinden talap edilýär. Şonuň üçin-de A. Garahanowyň bu aýyplamasy ylmy taýdan esassyzdyr.

A. Garahanowyň «Edebi dil diýlende, Magtymgulynyň, Zelililiniň, Keminäniň, Mollanepesiň we başgalaryň diline düşünipdir» diýmegi-de M. Geldiýewi milletçilikde aýyplamaga esas bolup bilmeýär, çünki çe-

enedilim.com

per edebiýatyň dili edebi diliň aýrylmaz bölegidir. Ol özüne has bolan aýratynlyklary bilen edebi diliň beýleki stillerinden tapawutlanýar. Bu mesele stil bilen baglanyşyklydyr.

A. Garahanow muny agzamak bilen başga maksady öňe sürýär: onuň pikiriçe, M. Geldiýew türkmen klassyky edebiýatyň dilini (däplerini) häzirki zaman türkmen edebi diline geçirmek bilen, «türkmen dilini çagataý diline ýakynlaşdyrmaga çalşypdyr».

M. Geldiýewiň başga dile geçmäge üzül-kesil garşy çykandygyny biz ýokarda ýatlapdyk.

Türkmen klassyky edebiýatynyň diliniň çagataý diline gatnaşygy baradaky mesele dil bilimimizde henize çenli doly işlenilenok. Azady, Andalyp, Abdysetdar kazy ýaly şahyrlaryň eserlerinde çagataý diliniň elementlerini görmek bolýar. Olar Orta Aziýada ýörgünli edebi dil bolan çagataý diliniň däplerini, normalaryny doly özleşdiripdirler, öz eserlerini şol normalara laýyklykda ýazypdyrlar. Şeýlelikde, türkmen edebi diliniň taryhy çagataý dili bilen galtaşýar.

Magtymguly we onuň yzyna eýerijiler täze bir ugry esaslandyrypdyrlar, olar edebi diliň dowam edip gelen normalaryny bozup, eserlerini janly dile, halkyň ulanyp ýören sözleýiş diline ýakynlaşdyrypdyrlar. Muňa garamazdan, olaryň eserlerinde çagataý diliniň normalary düýbünden saklanylmandyr diýsek dogry bolmaz. Olaryň eserlerinde ençeme sözleriň dürli wariantda ulanylmagy (okan-okagan, gyza-gyzga, adama-adamga, derýa-derýaýa we ş. m.) munuň aýdyň şaýadydyr.

Türkmen edebi diliniň ýigriminji ýyllarda ösüşinde we normalanyşynda türkmen klassyky edebiýatynyň diliniň tutýan orny ylmy esasda ýörite işlenilmegini talap edýär.

M. Geldiýewiň işlerinde çagataý diline häsiýetli grammatik formalaryň ýekejesini-de türkmen edebi diliniň normasy hökmünde görkezmändigini aýtmaga doly esas bar. Ol türkmen edebi diliniň grammatik normalaryny bellemekde türkmen halkynyň häzirki sözleýiş diline esaslanypdyr, şolary hem norma hökmünde ýazyp görkezipdir.

Şeýlelikde, «M. Geldiýew türkmen edebi dilini çagataý diline ýakynlaşdyrmaga çalşypdyr» diýen tezis esassyzdyr.

4. M. Geldiýewiň milletçiligini, pantürkistligini subut etmek üçin A. Garahanowyň terminologiýa bilen baglanyşykly aýdanlary-da hakykata laýyk gelmeýär. M. Geldiýewiň we G. Alparowyň ady agzalan

enedilim.com

grammatikasynda 150 sany lingwistik termin bolup, olaryň arasynda arap, pars dillerinden giren sözlerden ýasalanlary-da (sarf, nahuw, harp, isim, sypat, dereje, wagt, habar, hal, rewiş we ş. m.), rus dilinden ýa-da şonuň üsti bilen geçenleri-de (grammatika, semasologiýa, fonetika, tablisa we ş. m.) bar.

A. Garahanowyň mysal getiren *ýargama*, *bitim*, *dakma* sözleri şol grammatikada alynmandyr, olar M. Geldiýewiň beýleki eserlerinde-de bize duş gelmedi. Şonuň üçin-de A. Garahanowyn olary haýsy çeşmeden alany bize belli bolman galýar. *Dymyk ses* termini bolsa *düşüm*, *ýöňkeme*, *at*, *işlik* ýaly ýüzlerçe terminler bilen bir hatarda türkmen dil biliminde ymykly ornaşdy, ol häzir hem öz funksiýasyny ýerine ýetirip bilýär. Umuman aýdanda, ylmyň aýry-aýry ugry boýunça döredilen spesifik terminleriň giň halk köpçüligi üçin, aýratyn-da, ylmyň şol ugry bilen tanyş bolmadyk adamlar üçin düşnüksiz bolmagy mümkin. Döwrüň geçmegi bilen käbir ylmy terminleriň talaby ödemezligi, täze termin bilen çalşyrylmagy mümkin. Şoňa seredeniňde, M. Geldiýew tarapyndan döredilen *erniň ýaltalygy* (labilizasiýa), *ýuwdulma* (assimilýasiýa) ýaly terminleriň soňky ýyllarda başga termin bilen çalşyrylmagy-da kanunalaýyk hadysadyr.

Türkmen diliniň içerki baýlyklaryndan termin döretmek edebi diliň düşnükliliginde, sözleýiş diline ýakynlygynda peýdaly bolandygyny indi hemme ykrar edýär. Ýöne türkmen dilinde bolmadyk sözleri goňşy doganlyk türki halklaryň dilinden almak meselesi barada dürli garaýyşlar bar.

M. Geldiýewiň uýgur, çagataý dillerinden söz almak baradaky pikiri bilen ylalaşmadyklar bolupdyr, meselem, G. Huseýinow *proletar*, *respublika*, *ýaçeýka*, *kamsar*, *aýruplan* kimin terminleri häzirki türki dillerinden-de, gadymy ýazuw ýadygärliklerinden-de tapyp bolmajagyny dogry belleýär, soňra ol düşnüksiz arap, pars sözlerini-de, gadymy uýgur, çagataý dilleriniň arhaizmleşen sözlerini-de gazetde ulanmajagyny, internasional ýerine söý arasy ýa-da ulus arasy, kamsar ýerine il agasy, kampaniýa ýerine üme, ýaçeýka ýerine özek sözüni ulanmajagyny aýdýar [61].

Ylmy terminleri döretmekde G. Hüseýnowyň oriýentasiýasy dogry. Käbir adam muny M. Geldiýewi milletçilikde aýyplamak üçin peýdalanýar:

enedilim.com

«Вопросам национального языка посвящены также статьи Г. Хусейнова. Он, в частности, критикует терминологическую путаницу, созданную националистом М. Гелдиевым и другими, отвергает арабо-персидскую ориентацию в терминологии, отстаивает право гражданство интернациональных и русских слов» [2, 146-147 с.].

Bu meselede biz K. H. Hanazarowyň pikirini goldaýarys:

«Разрабатывая конкретные вопросы нормализации и совершенствования грамматических правил, улучшения алфавита, обогащения терминологии и лексического фонда в целом и т. п., представители родственных национальных языков заимствуют друг у друга все лучшее, преемлемое, что может помочь им поднять еще выше богатство и выразительные возможности этих языков. Близость, родственность этих языков облегчает их взаимообогащение, следовательно, поднимает еще выше их потенциальные возможности в обслуживании потребностей развивающихся близкородственных по языку советских наций. Это ярче всего можно видеть на примере тюркских языков (азербайджанский, узбекский, казахский, туркменский, киргизский, татарский, башкирский, каракалпакский и другие.). Трудно отрицать положительное влияние татарского и азербайджанского языков на становление грамматики и норм узбекского литературного языка за годы советской власти, узбекского языка, в свою очередь — на каракалпакский язык, татарского — на башкирский» [60, 64-65 с.].

Şundan ugur alynsa, türki halklaryň biri-birinden söz almagy položitel hadysa bolupdyr. Beýleki dillerde bolşy ýaly, türkmen diline-de garyndaş dillerden söz alnypdyr. Meselem, K. Böriýewiň görkezmegine görä, orunbasar, önüm sözleri ýigriminji ýyllarda gazak dilinden, ýüpekçilik bilen baglanyşykly ençeme sözler özbek dilinden alnypdyr [7, 31s.], ençeme lingwistik terminler tatar dilinden alnypdyr. Gagauz diline ençeme terminler türkmen dilinden alnypdyr. Doganlyk halklaryň diliniň biri-birine edýän täsirini biziň günlerimizde-de görmek bolýar. Meselem, özbek dilinde berilýän telegepleşikleriň Çärjew we Daşhowuz oblastlarynda ýaşaýan türkmenleriň arasynda giňden ýaýramagy özbek diliniň türkmen diline edýän täsirini gürrüňsiz güýçlendirdi.

Şeýlelikde, edebi dilleriň ösmeginde, aýratyn-da ylmy terminleri döretmekde garyndaş diller esasy çeşme bolupdyr. Ýöne bu meseläniň

enedilim.com

milletçilik, pantürkizm bilen baglanyşdyrylmagy muny ylmy esasda işlemekden alymlaryň ünsüni sowupdyr. Şonuň üçin-de biziň günlerimiziň görnükli alymlary türki dilleriň biri-birine edýän täsirini ylmy esasda derňemegi şu günki gaýra goýulmasyz problema hasaplaýarlar [1, 213-224 s.].

M. Geldiýewiň makalasyndaky Ýewropa dillerinden söz almak baradaky meseläni-de konkretleşdirmek gerek. Birnäçeler mundan latyn, grek dillerine düşünseler, başgalar iňlis, nemes, fransuz, rus dillerine düşünýärler. Sowet-internasional sözleri rus dilinden almak gerekdigini konkret görkezmeli ekeni. Diýmek, gowşak taraplarynyň bolmagyna garamazdan, M. Geldiýewiň pikiri nädogry bolmandyr.

Muňa garamazdan, dilçi bolmadyk adamlaryň arasynda M. Geldiýew barada nädogry pikir döretmek A. Garahanowa başardýar. Soňky ýyllarda bu akyma käbir dilçiler-de goşulýarlar. Olar, köplenç, A. Garahanowyň pikirini gaýtalaýarlar. Bu meselede A. Gelenow beýlekilerden has tapawutlanýar. Ol M. Geldiýewiň makalasynda «öz ene dilimizde bir zadyň ady bolmadyk çagda iň ilki gezegi gazak, özbek, tatar, azerbaýjan ... kimin garyndaşlarymyza baryp, şolaryň dilinden ýat bolmadyk sap türki sözleri almakdyr, ikinji gezegi olarda tapylmasa, çagataý, uýgur kimin köne türk sözlerine bermekdir» diýen ýerini sitirläp, şol ýerde M. Geldiýewiň «üçünji gezekde arap-pars we Ýewropa dillerinden sözler almak meselesi gelip çykýar» diýen sözlemini taşlaýar [32, 23-27 s.]. Şeýlelikde, A. Gelenow M. Geldiýewiň pikirini ýoýýar. Ol M. Geldiýewiň pikiriniň şol döwrüň dil syýasatyndan üzňe bolmandygyny, Birinji bütinsoýuz türkologik gurultaýyň kararlarynda şol hili pikiriň bardygyny, onda hatda «При установлении научной терминологии из разных слов считаться с принадлежностью каждого языка к определенной группе, чтобы не терять связь с остальными членами группы. В случае отсутствия подходящих слов в данной группе, брать слова из тюрских групп отдавая им предпочтение перед нетюркскими словами» [47, 406 s.] diýen punktuň-da kabul edilendigini; «türkmen edebi dilini ösdürmek üçin ilat arasynda ulanylyp gelinýän arap, pars sözlerini ulanmagy», «ýatdan çykyp başlan köne sözleri peýdalanmagy», şonuň ýaly-da, «öz dilimizde bolmadyk sözleri beýleki türki dillerden almagy» TK (b) P MK jogapkär sekretary Ş. N. Ibragimowyň zerur hasaplandygyny we bu barada görkezme berendigini A.

enedilim.com

Gelenow ünsden düşürýär [39]. M. Geldiýewiň soňky döwürde edebi dilimizi ösdürmekde sowet-internasional sözleri esasy çeşme hasaplandygy Sowetleriň ähli türkmen üçünji gurultaýynyň tribunasyndan:

«Мы считаем, что наш бедный язык должен пополняться международными словами преимущественно из русского языка вследствие близости русской культуры» [50] diýip ýüzlenendigi A. Gelenowa mälim bolmaly.

Ýokarda görkezilen pikirler G. Gurtmyradowyň makalarynda has hem «ösdürilýär» [33, 34, 35, 36]. Ol termin döretmekde arap, pars sözlerini ulananlary panyslamçy, panarapçy hasaplaýar; sowet-internasional sözleri terjime edýänleri (meselem, proletar ýerine ýoksul, imperializm ýerine ýurtbasar we ş. m. ulanýanlary) milletçi hasaplaýar. Bu pikir Birinji türkologik gurultaýda Zifeldiň dokladynda aýdylypdy. Ol türki dillerde termin döretmekde dört akymyň bardygyny, olary şertli suratda panyslamistler, ýewropalaşdyryjylar, pantürkistler, halkçylar atlandyryp boljakdygyny görkezipdi [47, 187 s.].

G. Gurtmyradowyň makalalary otuzynjy ýyldan soň ýazylmagyna garamazdan, onuň alýan mysallary ýigriminji ýyllara degişlidi, Türkmenistanyň 1-nji ylmy konferensiýasynda ol hili kemçilikleri düzetmegiň ýollary bellenipdi, termin döretmek dogry ýola düşüp ugrapdy. Emma G. Gurtmyradow bu hili öňe gidişligi görmändir we meselä bir taraply çemeleşipdir.

Ýigriminji ýyllarda termin döretmekde sowet-internasional sözleri terjime etmek (samolýot ýerine uçar, galstuk ýerine boýun bagy, proletar ýerine ýoksul ulanylyşy), ençeme terminleri arap, pars dillerinden almak güýçli bolupdyr. Şonuň üçin-de ýigriminji ýyllar barada aýdylanda, G. Gurtmyradowyň pikiri dogrudy. Şol döwrüň dilçileri sowet-internasional sözleri rus dilinde ulanylyşy ýaly almagyň peýdaly boljagyna doly düşünmändirler. Bu ýagdaý ähli türki dillere häsiýetlidir. A. N. Baskakow şeýle ýazýar:

«Первый период с 1917 по 1929 г. — период формирования Советского Союза и образования союзных и автономных республик и областей и соответствующих литературных языков. В отношении терминологии, этот период характеризуется критикой дореволюционной терминологии, заменой старой (например, арабской и персидской) терминологии искусственной национальной пу-

enedilim.com

ристской терминологией, искажающей иногда содержание соответствующих понятий, ср. например, казах. ортакшылык ‘коммунизм’ (букв. стремление быть соучастником чего-либо, быть на паях с кем-либо?) ..., тат. бүйөреткеч ‘пароход’ (букв. ‘паром движущий’), тукта ‘станция’ (букв. ‘остановка’), ут арабасы ‘паровоз’ (букв. ‘огненная арба’), туркм. барлышыксыз гаршылык ‘антагонизм’ (букв. ‘полное противосостояние’: ... шекил ‘геометрическая фигура’ (букв. ‘форма’), дөвүк ак даш ‘гипс’ (букв. ‘ломанный белый камень’) кагыз салынян санач ‘портфель’ (букв. ‘коженный мешок для бумаги’).

Позже под влиянием народного разговорного языка стала заимствоваться русская терминология в фонетическом искаженном виде, например, түрк. ассансыя ‘станция’, әпишге ‘окно’, мавун ‘вагон’ и пр» [4, 59-60 с].

Şeýlelikde, ýigriminji ýyllarda türkmen dilçileri, şol sanda M. Geldiýew termin döretmekde şol döwrüň dil syýasatyndan, doganlyk halklaryň tejribesinden çykyp bilmändir. Birinji bütinsoýuz türkologik gurultaýyň kararlarynda bolsa nätakyklyga ýol berlipdir.

Ýigriminji ýyllarda arap, pars dillerinden alnan terminler barada aýdylanda, şol döwürde termin döretmekde şol diller ilkinji çeşme bolupdyr. Birnäçe dillerde, şol sanda türkmen dilinde ýigriminji ýyllarda kabul edilen arap, pars terminleriniň ençemesi otuzynjy ýyllarda sowet-internasional sözler bilen çalşyrylypdyr, şonuň netijesinde ynkylap ýerine rewolýusiýa, şura ýerine sowet we ş. m. ulanylmaga başlandy, emma käbir doganlyk halklaryň dilinde beýle reforma geçirilmedi, şonuň üçinde arap, pars dillerinden alnan ynkylap, şura, beýnelmilel ýaly terminler berkäpdir we doly normalaşypdyr. Häzirki zaman özbek, azerbaýjan dillerinde ýagdaý şeýledir. Şolara esaslananda, ýagny arap, pars dillerinden alnan terminler öz funksiýasyny ýerine ýetirip bilýän bolsa, onda şeýle terminleri döredenleri panarapçy, panyslamçy hasaplamak, sowet gurluşyna garşy adam edip görkezmek dogry däl. Bu pikiri K. H. Hanazarowyň sözleri bilen berkitmek bolar:

«В тюркоязычных республиках СССР в свое время было допущено немало ошибок связи заимствованием слов из других языков. Наряду с тенденцией консервировать ранее существующую терминологию арабо-персидского происхождения существовала не

enedilim.com

менее порочная тенденция наклеивать ярлыки «отсталой», «реакционной», «националистической» терминологии на основе арабо-персидского или староузбекского происхождения. Это свидетельствует в том, что не все языковеды разбирались в специфике языка как общественном явлении. В этих языках до сих пор существует и будет существовать значительная прослойка слов арабо-персидского происхождения, и она является органической, неотъемлемой их частью. Поэтому очевидно, что нельзя часть её, надлежащую замене русско-интернационального происхождения, называть националистической, реакционной» [60, 60 с.].

Ýokardaky ýaly terminleriň diliň içki ýa-da daşky resurslary bilen berilmeginiň metodologiýa, ideologiýa, we ylmy-lingiwistik prinsipler bilen, şonuň ýaly-da edebi diliň leksikasyny ösdürmegiň praktiki meselelerini çözülişi bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny-da ýatlamak gerek [38, 139-144 s.].

Mälim bolşy ýaly, M. Geldiýew Birinji bütinsoýuz türkologik gurultaýyna gatnaşypdyr. Ol tä aradan çykan gününe çenli Täze türk elipbiýiniň merkezi komitetiniň plenumlaryna-da gatnaşypdyr, şonuň ýanynda düzülen Alymlar sowetiniň Türkmenistan boýunça ýeke-täk çleni bolupdyr. Şonuň üçin-de ol dil gurluşy bilen baglanyşykly şol ýerde kabul edilen kararlary ýol görkeziji material hasaplapdyr we olary durmuşa geçirmäge çalşypdyr. Şoňa esaslananda, ýigriminji ýyllarda rus dilinden geçen sözleriň türkmen diliniň fonetik kanunlaryna boýun egdirilip (meselem, kommunist, ýerine kamynyst, žurnal ýerine jurnal, sirk ýerine sirk we ş. m.) ýazylandygyny görüp, käbir adamlaryň biziň günlerimizde-de M. Geldiýewi milletçi hasaplamagy [49, 66 s.] hakykata dogry gelmeýär, çünki Birinji bütinsoýuz türkologik gurultaýda-da, Täze türk elipbiýiniň Merkezi komitetiniň plenumlarynda-da başga dillerden alnan sözleri şol diliň fonetik kadalaryna boýun egdirip ýazmak talap edilipdir [47, 104 s.].

Käbir alymlar bolsa M. Geldiýewi milletçilikde aýyplanlarynda, otuzynjy ýyllarda ýazylan «ýörgünli» makalalardan ugur alýarlar. M. Geldiýewiň ýazan işlerini okamazdan, şol makalalarda aýdylan pikirleri gaýtalaýarlar [2, 138-284 s.], M. Geldiýewi P. Ependizada bilen bir hatarda goýýarlar [2, 144 s.]. Käbir işlerde bolsa M. Geldiýewiň pikiri ýoýulýar. M. K. Baýrammyradow şeýle ýazýar:

enedilim.com

«M. Geldiýew 1929-ny ýylda ýazan bir makalasynda dil meselesindäki öz pantürkistik we milletçilik ýörelgesini dowam etdirýär. Ol «gatlaksyz» bolan (ýagny başga dilden goşmazdan, ýagny rus diline golaýlaşmazdan — K. B.) edebi dil döretmäge ymtylýar, ýagny «türk edebiýatyny amaly suratda ýüze çykarmak» barada alada edýär. Bu makalasynda Geldiýew partiýanyň köne edebi mirasa aýyl-saýyl garamak baradaky görkezmesine garşy çykýar. Ol şeýle diýýär: «... Muny ýüze çykarmak işinde (basdyrmakda) «munuň dine degişli, ynkylaba garşy ... ýerleri bar» diýen bolup, bu işi ýüze çykarmaga garşy durjak bolmak, bir taýdan halk edebiýaty bilen şu günki ösüp gelýän ýaş edebiýatymyzyň arasyny aýrabilmezlikdir... « M. Geldiýewiň ýat ideologiýasyny ýaýratmak üçin yş gözleýäni görnüp dur» [3, 159-160 s.].

K. Baýrammyradowyň pikiriniň nädogrudygyny onuň M. Geldiýewiň pikirini ýoýýandygyny subut etmek üçin bu meseläniň üstünde durup geçmek peýdalydyr.

M. Geldiýew bu makalasynda iki meseläni gozgaýar:

Birinji mesele M. Geldiýew halk arasynda sowatly ýa-da sowatsyz ýaş ýazyjylaryň, şahyrlaryň bardygyny, şolaryň eserlerini ýygnap, çap etmek, «olary ylmy esasda, öwrenip, ýazyjy-şahyrlary dogry ýola salmak gerekdigini aýdýar. Ol şeýle ýazýar:

«Bulary basdyrmaga başlanymyzda, içerki we many taýlaryndan ynkylap hem terbiýe, sosializm gurmak maksatlarymyza garşy bolmaz ýaly bolsa, daşarky çeperçilik senet taýyny onça dyrjalap, tankytlap oturman, degişli edaralar taýyndan az-maz tertipleşdirip, timarlaşdyryp, kiçijik bir başlangyç düşündirme bilen, yzly-yzyna birnäçe kitapça edip basdyrmak gerek» [21].

Halk arasyndaky ýaş ýazyjylaryň, şahyrlaryň eserlerini çap etmekde M. Geldiýewiň maksady: a). Ýaş işçi-daýhan ýazyjylarynyň höwesini artdyrmak. i) şonuň bilen umumy ortak bir türkmen işçi-daýhan edebiýatyny döretmek», şol esasda täze döräp gelýän türkmen edebi dilini kämilleşdirmek, ii) Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan öň döredijiligi halk arasyna ýaýrap bilmedik söz ussatlarynyň ukyplaryny, «edebi güýjüni meýdana çykarmak», iii) metbugatyň edebi bölümlerini işçi-daýhanyň öz eli bilen ýazylan eserler bilen üpjün etmek, iv) gazet we žurnal redaksiýalaryny çeper eserleriň az berilýänligi baradaky öýke-kineden, igençden halas etmek, v) diňe sözde bar bolan edebi-

enedilim.com

ýat üýşmegini utançdan halas etmek, vi) halkymyza degişli edebi mirasy öwrenmek üçin halkyň öz içinden çykan ynamly kömekçileri, «çyn ýoksul kömekçilerini» döretmek, vii) «işçi-daýhan ýaş ýazyjylaryny we şahyrlaryny üýşürmek, olaryň edebi hünärmentlerini artdyrmak» meselesini nähili amala aşyrjakdygyny bilmän ýören guramalarymyza kömek etmekdir.

Soňra M. Geldiýew gazet-žurnallarda ýaş ýazyjylaryň, şahyrlaryň eserlerini köpräk çap etmek, olara edebiýaty öwreniş ylmynyň kanunlaryny düşündirmek, metbugatda käbir esere analiz bermek, hut şol esasda ýaş ýazyjylaryň, şahyrlaryň döredijiligini kämilleşdirmek zerurdygyny aýdýar. Edebiýat boýunça konkurs geçirmegi olaryň hünärini ösdürmekde we kämilleşdirmekde möhüm çäre hasaplaýar we geçirilmeli konkursyň şertleri barada gürrüň edýär.

M. Geldiýewiň makalasynyň birinji mesele boýunça mazmuny şeýledir.

Ikinji mesele: M. Geldiýew «1. Halk edebiýaty (folklor) näme? 2. Ol gerekmi, dälmi? 3. Gerek bolsa, näme üçin, kim üçin gerek?» 4. Halk edebiýaty (folklor) bilen «goşguçylaryň goşgulary arasyndaky aýyrma nämede?» diýen soraglaryň üstünde durup geçýär. Ol halk döredijiligini çeper edebiýatdan tapawutlandyrýar, «halkyň ýüz ýyllar esasynda döreden eserleriniň halkyň durmuşyny, taryhyny, edebiýatyny öwrenmekde egsilmez çeşmedigini, alymlar üçin gymmatly materialdygyny aýdýar.

M. Geldiýew halk döredijiliginiň näme üçin gerekdigini dört punktda görkezýär. Soňky punktda halk döredijiliginiň türkmen edebi dilini ösdürmek, «gatlaksyz edebi dil döretmek» üçin gymmatly çeşmedigini aýdýar. K. Baýrammyradow onuň «gatlaksyz edebi dil» diýenine «başga dilden goşmazdan, ýagny rus diline golaýlaşdyrmazdan» edebi dil düzmek diýip, nädogry düşündiriş berýär, hem-de ony M. Geldiýewi milletçilikde, pantürkistlikde aýyplamak üçin esasy tutaryk edinýär. Hakykatda, M. Geldiýew bu makalasynda rus dilinden söz almak-almazlyk barada gürrüň etmeýär. Ol «gatlaksyz edebi dil» diýende, halk köpçüligine, ähli dialektleriň wekillerine düşnükli bolan edebi dili göz öňünde tutýar. Dogrudan-da, ýigriminji ýyllarda türkmen edebi dilini ösdürmekde we normalaşdyrmakda «ýüzlerçe ýyllar halk arasynda ulanylyp gelýän halk döredijiliginiň dili» esasy çeşme boldy. M. Geldiýewiň bu

enedilim.com

pikiri beýleki bir makalasynda has-da takyk görkezilipdir:

«Halk köpçüliginiň dilinden işlenip çykan edebi diliň araçäklerini bellände, adalgalary şu hili bir sistema (tertibe) salmaly ki, halkyň ýokary hem aşak gatlaklary üçin iki hili dil meýdana çykar ýaly bolmasyn» [20].

K. Baýrammyradow «umumy türk edebiýatyň amaly suratda ýüze çykarmak» barada alada edýär» diýmek bilen, M. Geldiýewi aýyplaýar.

M. Geldiýewiň makalasynda türkmen sowet edebiýaty we halk döredijiligi barada gürrüň edilýär. Bu onuň sözbaşynda-da belli. Ýigriminji ýyllarda «türkmen sowet edebiýaty» diýen termin entek bolmandyr. Şonuň üçin-de M. Geldiýew makalanyň dowamynda bäş ýerde «türkmen edebiýaty», bir ýerde «halkyň şuralar we ynkylap taýyndaky böleginiň edebiýaty», bir ýerde «umumy türkmen edebiýaty», bir ýerde «türk edebiýaty» diýen terminleri ulanypdyr. «Türk edebiýaty» diýlende, türkmen sözüniň ýalňyşlyk bilen türk ýazylandygyny ýa-da awtoryň ony «türkmen edebiýaty» diýen terminiň manysynda ulanandygyny häzir aýtmak kyn, ýöne umuman, makalada türkmen sowet edebiýatyny döretmegiň ösdürmegiň ýollary hakynda gürrüň edilýändigine, umumy türki halklar üçin ýeke-täk edebiýat döretmek barada asla gürrüň edilmeýändigine hiç hili şübhe bolup bilmez. K. Baýrammyradow muňa üns bermändir, tersine, awtoryň «türk edebiýatyň amaly suratda ýüze çykarmak» diýen sözleriniň öňünden «umumy» sözüni özünden goşupdyr. Şeýlelikde, M. Geldiýewiň makalasynda umumy türk edebiýaty barada asla mesele goýulmaýar.

K. Baýrammyradow M. Geldiýew «partiýanyň köne edebi mirasa aýyl-saýyl garamak baradaky görkezmesine garşy çykýar» diýen netijä gelýär. Ol M. Geldiýewiň «Muny ýüze çykarmak işinde (basdyrmakda) munuň «dine degişli, ynkylaba garşy,.. ýerleri bar» diýen bolup, bu işi ýüze çykarmaga garşy durjak bolmak, bir taýdan halk edebiýat(y) bilen şu günki ösüp gelýän ýaş edebiýatçylarymyzyň arasyny aýra bilmezlikdir» diýen sözlerini sitirläp, M. Geldiýewi «ýat ideologiýany ýaýratmak üçin yş gözlemekde» aýyplaýar. Bu pikir hem dogry däl. M. Geldiýew şeýle ýazýar:

«Halk edebiýatynyň (folkloryň) hem goşguçylarynyň goşgularynyň ýagşysyny, ýamanyny ylmy edaralar, ýokarky maksatlar üçin ylmy adamlar, ylmy edaralar üçin şoňa ýeterlik sanda basdyrylmagy gerek.

enedilim.com

Şol maksatlar bilen, şol san bilen basdyrylmakda-da, şoňa degişli san bilen basdyrylmagy gerek bolup çykýar (uly il üçin däl, mekdep kyragathanalar (okalgalar – T. T.), ýaşlar üçin däl). Emma köne goşguçylaryň goşgularyny basdyran çagda, olaryň içerki hem daşarky galyp taýlaryn(y) elden geler ýaly bolsa, rehimsiz suratda derňäp, dyrjalap tankytlap basdyrmagymyz gerek.

Munuň bilen bir taýdan, ýaş daýhan goşguçy hem ýazyjylaryn(y) amaly suratda derňew, tankyt işlerine öwretsek, ikinji taýdan, olaryň köne, çüýrük idelogiýalary (maksatlary) bilen umumy daýhanlary tanyşdyrarys». M. Geldiýewiň öňe sürýän pikiri şeýledir.

M. Geldiýew folklory we gadymy edebiýaty ýygnamagy, çap etmäge zerur hasaplapdyr, «dine degişli, ynkylaba garşy... ýerleri bar» diýen delil bilen garşy çykýanlara bularyň «Türkmen medeniýet instituty kimin ýeke ylmy edaralar, ylmy adamlar üçin bellije san bilen, urp-adat, taryh we başgalary öwrenmäge gerek bolýandygyny» öwran-öwran düşündiripdir. Onuň halk döredijiligine berýän bahasyny okanyňda, beýik ýazyjy M. Gorkiniň «Söz sungatynyň başlangyjy folklordyr. Siz folklory ýygnaň, öwreniň» diýen wesýeti ýadyňa düşýär.

M. Geldiýewi milletçilikde, panturkistlikde aýyplamakda onuň dil birligi barada aýdýanlaryna esaslanýarlar.

Ýigriminji ýyllarda umumy türk edebi dilini döretmek pikiri türki halklaryň arasynda giňden ýaýrandyr. Meselem, M. Şahmyradow şeýle ýazyldyr:

«Şuralar birleşiginde ýaşaýan türk kowumlarynyň aýry-aýry dilleri alyp, aýry-aýry imlalar bilen gitmekleri hem makul bolmaýar, çünki ol wagt tarakgy etmek ýollary azalyp, örän köp yza galýar. Beýle gidişde tarakgy etmek üçin iň gerekli kitaplar ýazyp, ýazaýsa-da, basyp boljak däl. Türk halklary biri-biriniň ýazan kitaplaryndan peýdalanyp biljekler. Bu boluşlara düşünilse, umumy bir dil, umumy bir imla gerekligi özözünden meýdana çykýar» [63].

M. Geldiýew şu meseläni iki makalasynda gozgaýar:

1) P. Ependizada türkmen dilini taşlap, osmanly türkleriň diline geçmegi teklip edende, 2) K. Böriýew kadr ýetişýänçä, orta mekdepleri we tehnikumlary rus diline geçirmegi teklip edende, öz pikirini aýdar. Ol bularyň ikisine-de garşy çykýar. P. Ependizada ýüzlenip, onuň pikiriniň täze zat däldigini, Gaspirinskiniň pikirine esaslanyp, tatarlaryň öz dille-

enedilim.com

rini we edebiýatlaryny gazaklara, gyrgyzlara güýç bilen girizjek bolanlaryny, emma bu tutulan ýol bilen dil birliginiň ýüze çykmandygyny, A. Ibragimow ýaly düşbi tatar alymlarynyň bu ýoluň nädogrudygyny görkezendigini, gyrgyz-gazagyň öz dilinde, öz gepleýşinde iş alyp barmagyny zerur hasaplandygyny elleýär. Ol sözüni şeýle jemleýär:

«Bu günki türk illeriniň dil we şiweleriniň aýrylyşmaklaryna sebäp bolan taryhy hem ýaradyş düzgünlerindäki sebäplere siňeje göz salyp, şol sebäpleri ýene-de ýaýradyş düzgünleri boýunça ýok etmek bolar diýip bilýäris. Ine, şoňa görä-de, biz bu gün dil birleşdirmek üçin: «türkmen, gyrgyz, gazak, sen bu günki edebi bolmadyk diliň bilen öz iliňe aň-bilim berjek bolup, boş ömür geçirme, dogrudan-dogry azerbaýjan ýa-ki osmanly şiwesine geç...» kimin güýçlemek we gury söz bilen dil birligi meýdana çykmaz, belki, bütin türk illeri, çet dil bolmadyk, özleriniň ortak mallary bolan köne we täze sap türk sözlerin(i) biri-birinden aralanman almak, öz illeriniň aň-bilimleri bilen hasaplaşyp, şoňa laýyk öz dillerinde kitaplar düzmek, babalarymyzyň gumlar astynda gömülip galan köne dil baýlyklaryn(y) gazyp çykaryp, ondan peýdalanmak, şolary hem iş ýüzünde (amalda) ýöretmek, gerekmejek çet sözleri meýdana atmak kimin ýollar bilen bolar, şonuň arkasynda, bir taýdan, türk dilin saklan bolarys, ikinji taýdan hem, bara-bara birnäçe dil içinde sözlügimiz, edebiýatymyz birleşer diýip bilýäris... Şoňa görä şu hil(i) türkçülige, şu hil dil birligi(ni) dogdurmaga biz hem jan dilimiz bile gatyşarys. Şu hil(i) türkçüligi biz hem gutlaýarys» [13].

Kadrlar ýetişýänçä, häzirlikçe orta mekdepleri we tehnikumlary rus diline geçirmek baradaky K. Böriýewiň pikirine garşy çykyp, M. Geldiýew ýene-de dil birligi baradaky meselä dolanýar. Ol ýene-de öňki pikirini gaýtalaýar, ýöne dilleriň şeýle ösüşini pantürkizm hasaplamak bilen ylalaşmaýar. Ol makalasyny şeýle jemleýär:

«Ýoldaşlarymyzyň bu hil(i) birleşige «pantürküstlik» ýa-da şoňa meňzeş bir syýasy at berip, garşymyza çykmalaryny biz köne ýarag bilen uruş meýdanyna çykmak diýip bilýäris» [17].

Şeýlelikde, M. Geldiýew ähli türki halklar üçin ýeke-täk edebi diliň döremegine garşy bolmandyr, şony goldapdyr, ýöne ol güýç bilen başga bir halkyň diline geçmegi ýazgarypdyr, zorluga garşy çykypdyr.

Ol «köpçülik bilen işçi-daýhan diline ýakynlaşyp, halk sözleri, köpçülik dili bilen mümkin gadar aragatnaşyk saklap barmak, biri-

enedilim.com

birlerinden özlerinde bolmadyk aňlaýşy», sap türk sözlerini alşyp barmak», «gerekmejek bolan ýat arap, pars sözlerini» taşlamak bilen uzak geljekde umumy dil birligi dörär diýip pikir edipdir.

Sowet halklarynyň geçen şöhratly taryhy türki halklaryň hemmesi üçin umumy türki edebi dil döretmek baradaky M. Geldiýewiň pikirini tassyklamady. Şu döwürde M. Geldiýewiň zerur hasaplan esasy şertleri — her bir halkyň öz ene dilini saklamagy durmuşa geçirildi. Sowet Soýuzynda ýaşaýan halklarynyň her haýsynyň edebi diliniň normalary bellendi, metbugaty ýola goýuldy, dil azatlygyna mümkinçilik döredildi. Şu hili çäreler netijesinde milli diller emele geldi. Milli dilleriň pajarlap ösüşi biziň günlerimizde-de dowam edýär.

Muňa garamazdan, umumy türki edebi dil döremedi. Gaýtam, şu döwürde rus dili milletara dile, SSSR halklarynyň pikir alyşmak serişdesine öwrüldi. Ol milli dilleriň, şol sanda türkmen diliniň ösmeginiň esasy çeşmeleriniň biri boldy. Diýmek, marksizm taglymaty bilen oňat ýaraglanmazlygy, milli çäklilikden saýlanyp bilmezligi netijesinde M. Geldiýew dilleriň integrasiýasy baradaky meselä doly düşünmändir.

Ýokarda aýdylanlardan aşakdaky ýaly netije çykarmak mümkin:

1. M. Geldiýew Sowet häkimiýetiniň ilkinji ýyllarynda türkmen edebi dilini normalaşdyrmaga, onuň praktiki meselelerini işläp düzmäge gatnaşypdyr. Ol türkmen edebi diliniň grafikasyny esaslandyrmakda, orfografik kadalaryny bellemekde, terminologiýasyny düzmekde ilkinji ýoly arçapdyr. Şu çäreleri durmuşa geçirmek bilen ol türkmen diliniň özbaşdaklygyny saklamaga çalşypdyr, başga bir dile geçmek baradaky pikiri üzül-kesil ýazgarypdyr, türkmen edebi dilini ösdürmegi, onuň jemgyýetçilik funksiýasyny artdyrmagy möhüm mesele hasaplandyr.

M. Geldiýew türkmen dilinde türkmen metbugatyny, okuw kitaplaryny döretmäge, türkmen sowet edebiýatyny dogry ýola ugrukdyrmaga ähli güýjüni sarp edipdir. Ol 1922–1930-njy ýyllarda türkmen dili boýunça ýazylan okuw kitaplarynyň awtory ýa-da awtorlarynyň biri, Türkmenistan Ýazyjylar üýşmeginiň ilkinji başlygy bolupdyr.

Türkmen edebi diliniň normalaryny tassyklan we resmileşdiren Türkmenistanyň 1-nji ylmy konferensiýasynyň geçirilmegine aktiw gatnaşanlaryň biri M. Geldiýewdir.

Ýerine ýetiren işleri, türkmen halkynyň medeniýetini ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin ol uly hormatdan peýdalanypdyr. Türkmenistan

enedilim.com

Merkezi Ispolnitel Komitetiniň çlenligine kandidat saýlanýar. Türkmenistanyň «birinji alymy», görnükli dilçisi bolupdyr.

2. Wepaýewiň daşary ýurda gaçmagy, A. Gulmuhammedowyň atylmagy bilen Türkmen medeniýeti institutynyň işgärlerini tankytlamak, olary milletçilikde, pantürkizmde aýyplamak netijesinde M. Geldiýew hem milletçilikde aýyplanyp ugraýar. Dilçi bolmadyk adamlar şol pikire ynanýarlar, bu bolsa M. Geldiýewiň uzak döwür milletçi, pantürkist hasaplanmagyna esas döredýär. G. Atabaýew, N. Aýtakow we ş. m. görnükli ýolbaşçylaryň işleri bilen bir hatarda M. Geldiýewiň işleri ýapyk fonda geçirilýär.

3. Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň XX gurultaýyndan soň M. Geldiýewiň işleri öwrenilip başlanýar. Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň alymlarynyň aladasy bilen 1972-nji ýylyň 1-nji awgustynda M. Geldiýewiň işleri açyk fonda geçirildi.

Ilkinji geçirilen barlaglar netijesinde onuň hormatly ady dikeldildi. Türkmen dil bilimini esaslandyryjylaryň biri bolan M. Geldiýewiň döredijiligini hemme taraplaýyn öwrenmek, oňa obýektiw baha bermek biziň alymlarymyzyň öňünde durýan esasy meseleleriň biridir.

enedilim.com

ÇEŞMELER

[1] *Вопросы развития литературных языков народов СССР* – Алма-Ата, 1964.

[2] Байраммурадов К. *Борьба компартии Туркменистана за установление и развитие туркменской советской литературы. Из истории борьбы компартии Туркменистана за культурную революцию 1925—1937 гг. Труды Института истории партии при ЦК КП Туркменистана-филиала Института марксизма-ленинизма при ЦК КПСС* – Ашхабад, 1969. – Т. IX.

[3] Baýrammyradow K. *Söweşjeň edebiýat ugrunda* – Aşgabat, 1970.

[4] Баскаков Н. А. *Современное состояние терминология в языках народов СССР. // Вопросы терминологии* – М., 1961.

[5] Бориев К. *О языке средней школы (в порядке обсуждения)* – Туркменская искра, 1926, 5 апреля.

[6] Böriýew K., Geldiýew M. *Ýazuw düzgünleri* – Türkmenistan, 1928, 15, 16, 17 mart.

[7] Böriýew K. *Türkmenistanyň birinji bilim konferensiýasy* – Turkmen medeniýeti, 1930 – №3.

[8] Böri ogly K. *Diwanlary türkmençeleşdirmek* – Türkmenistan, 1925, 22 noýabr.

[9] *Dil düzetmeli* – Turkmenistan, 1925, 3 mart.

enedilim.com

[10] Garahanow A. Ş. *Nazariýa meýdanynda bolşewiklik berkligi bilen göreşeliň // Medeni ynkylap* – 1932 – №4-5.

[11] Geldiýew M., Alparow G. *Elipbiý* – Daşkent, 1924.

[12] Geldiýew M., Alparow G. *Elipbiý* – Poltarask–Aşgabat, 1925.

[13] Geldiýew M. *(Balykçynyň ýaşkiçisi) «Şiweçiýe» adynda gaýtargy ýazan ýoldaşa gaýtargy* – Türkmenistan, 1926, 3, 4, 5 ýanwar.

[14] Geldiýew M. *Başlangyç mekdepde ene dili* – Poltarask–Aşgabat, 1925.

[15] Geldiýew M., Böriýew K. *Latyn harpy esasynda düzülen türkmen elipbiýi* – Aşgabat, 1927, 1928.

[16] Geldiýew M., Böriýew K. *Täze elipbiýiň ýazuw düzgünleri (imla kadalary)* – Aşgabat, 1928.

[17] Geldiýew M. *Bütin mekdeplerimizdemi ýa-ki ýeke orta mekdeplerimizdemi? Haýsy dil bilen okatmak meselesi* – Türkmenistan, 1926, 12 aprel.

[18] Geldiýew M. we Alparow G. *Türkmen diliniň grammatikasy* – Aşgabat, 1929.

[19] Geldiýew M. *Daýhan elipbiýi* – Aşgabat, 1928, 1929, 1930.

[20] Geldiýew M. *Diwanlary ýerlileşdirmek hem adalga meselesimi ýa-ki ýeke adalga meselesimi?* – Türkmenistan, 1926, 9 noýabr.

[21] Geldiýew M *Işçi-daýhan ýaş goşguçy, ýazyjylaryny üýşürip, olaryň hünärmentlerini artdyrmakdaky amaly suratda türkmen edebiýatyny ýüze çykarmagyň düýp ýollary* – Türkmenistan – 1929, 9-10 dekabr.

[22] Geldiýew M. *Mekdebe çenli terbiýe* – Poltarask–Aşgabat, 1925.

[23] Geldiýew M. *Okuw işleri we türkmen ýigitleri* – Türkmen ili – 1924 – №6-7-8.

enedilim.com

[24] Geldiýew M. *Ors mekdeplerinde hem orslar üçin wagtly kurslarda turkmen dilin öwretmek üçin janly sözleşüw dili sapaklygy (Birinji kitap)* – Poltarask–Aşgabat, 1926.

[25] Geldiýew M. *Türkmen bilim komissiýasy we onuň eden işleri* – // Türkmen ili – 1924 – №6-7-8.

[26] Geldiýew M. *«Türkmenistan» gazetiniň dili ýa-ki bizde adalga meselesi* – Türkmenistan, 1925, 14 aprel.

[27] Geldiýew M. *Türkmen dilinde uzyn çekimli ses hem onuň roly (käri)* – Turkmenistan, 1930, 18-19 maý.

[28] Geldiýew M. *Täze elipbiýiň käbir ýazuw düzgünlügi* – Gyzyl ýol, 1928 – №1.

[29] Geldiýew M. *Elibiýden soň birinji ýyl okuw kitaby* – Poltarask — Aşgabat, 1925.

[30] Geldiýew M. *Elipbiý (oglanlar üçin)* – Aşgabat, 1928, 1929.

[31] Geldiýew M. *Elibiý (balalar üçin)* – Üçünji ýola basylyşy – Aşgabat, 1930.

[32] Gelenow A. *Birnäçe ynkylap tersçilleriniň dil we terminologiýa frontunda tersçillik hereketleri* – Kommunistler magaryfy, 1934 – №3-4.

[33] Gurtmyradow G. *Dil we adalgalarda arapçylyga we milletçilige garşy* – Şuralar Turkmenistany, 1935, 5 aprel.

[34] Gurtmyradow G. *Marks-Lenin edebiýatyň terjimeleriň hili ugrunda* – Şuralar Türkmenistany, 1933, 3 dekabr.

[35] Gurtmyradow G. *Marks-Lenin edebiýatynyň terjimesini bozmalar bilen göreşi güýçlendirmeli* – Şuralar Türkmenistany, 1933, 13 ýanwar.

[36] Gurtmyradow G. *Türkmen dilinde terminologiýa işlemekligiň ýiti meseleleri dogrusynda birnäçe söz* – Şuralar Türkmenistany, 1933, 30 ýanwar.

enedilim.com

[37] Derýaýew H. *Türkmeniň köne edebi dili* – Kommunistler magaryfy, 1932 – №19-20.

[38] Дешериев Ю. Д., Протченко И. Ф. *Развитие языков народов СССР в советскую эпоху* – М., 1968.

[39] Ibrahimow Ş. N. *Türkmen dilini tarakgy etdirmek meselesi* – Türkmenistan, 1926, 24 awgust.

[40] Караханов А. I. *Грамматика туркменского языка* – ч. 1. Морфология – М., Ташкент, 1931.

[41] Караханов А. Ш. *О классовой борьбе в туркменской литературе* – М., Ташкент, 1931 – №1.

[42] Kuliýew G. *Magtymguly söwda buržuaziýasynyň ideologydyr* – Aşgabat, 1932.

[43] Мусаев К. М. *Вопросы разработки и дальнейшего совершенствования орфография тюрских литературных языков Советского Союза/Орфография тюрских литературных языков СССР* – М., Наука, 1973.

[44] Muhammet Geldiýew *(nekrolog)* – Türkmen medeniýeti, 1930 – №12.

[45] Nazarow G. *Meseläni Magtymguly çözýär* – Şuralar Türkmenistany, 1933, 1 iýun.

[46] Okyjy *Gaş düzedip, göz çykarmak* – Türkmenistan, 1925, 3 aprel.

[47] *Первый Всесоюзный тюркологический съезд (стенографический отчет)* – Баку, 1926.

[48] Поливанов Е. Д. *Статьи по общему языкознанию* – М., 1968.

[49] Реджепов А. Р. *Из истории формирования туркменской общественно-политической терминологии* – Изв. АН СССР, сер. обществ. наук. – 1966 – №6.

enedilim.com

[50] *Речь тов. Гельдыева на Третьем всетуркменском съезде советов* – Туркменская искра, 1929, 12 мая.

[51] *Речь М. Гельдыева. Стенографический отчет Первого пленума Всесоюзного центрального комитета нового тюркского альфавита, заседавшего в Баку 3 по 7 июня 1927 г.* – М., 1927.

[52] Sähedow G. *Türkmen dili hakynda* Medeni ynkylap, 1928 – №2-3.

[53] Sopyýew G. *Elipbiý we orfografiýa (imla meselesi)* – Kommunistler magaryfy, 1934 – №5-6.

[54] *Türkmen bilim komissiýasynyň imla dogrusynda bolan kararlarynyň protokolyndan göçürme (nusga)* – Türkmen ili, 1923 – №4-5.

[55] *Türkmen bilim heýatynyň türkmen imlasy hakyndaky karary* – Türkmen ili, 1923 – №4-5.

[56] *Türkmenistanyň 1-nji ylmy konferensiýasynyň edebi dil, adalga hem imla dogrusynda çykaran kararlary* – Aşgabat, 1930.

[57] *Türkmen edebiýatynyň taryhy* – Aşgabat: Ylym, 1976 – 2-tom.

[58] Täçmyradow T. *Türkmen edebi diliniň orfografiýasynyň sowet döwründe formirlenişi* – Aşgabat: Ylym, 1979.

[59] Täçmyradow T., Hudaýkulyýew M. *Häzirki zaman türkmen edebi diliniň fonetikasy* – Aşgabat, 1970.

[60] Ханазаров К. Х. *Сближение наций и национальные языки СССР* – Ташкент, 1963.

[61] Huseýnow G. *Soň gaýtargy* – Türkmenistan, 1925, 16 aprel.

[62] *Häzirki zaman türkmen dili* – Aşgabat, 1960.

[63] Şahmyradow M. *Dil hem imla gurultaýy* – Türkmenistan, 1925, 7 oktýabr.

[64] Ependizada P. *Şiweçiýe* – Türkmenistan, 1925, 30-31 dekabr.

enedilim.com

[65] Юнусов К. *Состояние латинизации в Туркмении* – Революция и письменность – М., 1932 – №5-6.

[66] Ýazuwçy *Dilimizi düzedäýsek ýagşy bolardy* – Türkmenistan, 1925, 15 maý.

enedilim.com

MAZMUNY

Awtordan **1**
Giriş **2**
M. Geldiýewiň döredijiligi barada **7**
Çeşmeler **47**

enedilim.com

Tagangeldi Täçmyradow
Muhammet Geldiýewiň ömri we döredijiligi

Işde görnükli dilçi, baýry magaryfçy M. Geldiýewiň türkmen edebi diliniň ösmegindäki we normalaşmagyndaky hyzmatlary görkezilýär, şeýlede onuň durmuşynyň pajygaly pursatlary yzarlanýar.

Ylmy-populýar häsiýetli bu kitapça şu ugurda edilen ilkinji synanyşyk bolup, ol giň okyjalar köpçüligi üçin niýetlenýär.

Ylmy redaktory: *A. Geldimyradow*
Redaktor: *A. Garaýew*
Syn ýazanlar: filologiýa ylymlarynyň kandidatlary *A. Borjakow, B. Saryýew*
Çeperçilik redaktory: *A. Esenow*
Tehniki redaktory: *M. Kemaýewa*
Tiražy: *5000*

TSSR YA-nyň Ylym neşirýaty. 744000, Aşgabat, Engels köçesi, 6.
TSSR YA-nyň çaphanasy. 744012, Aşgabat, Sowet serhetçileri köçesi, 92A.

—

Bu kitapdaky maglumat ”bolşy ýaly” esaslarda, kepilliksiz getirilýär. Bu iş taýýarlananda ähli seresaplyk çäreleri görlen hem bolsa, ne awtor(lar), ne «Enedilim.com» sahypasy bu işdäki informasiýa sebäpli çekilen göni ýa gytaklaýyn ýitgi ýa zelel üçin hiç bir adamyň ýa guramanyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.

PDF-a geçirildi: 29 Mart 2020
«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy
ISBN–5–8338–0277–6